TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HALKYŇ ABADAN, ASUDA WE BAGTYÝAR DURMUŞDA ÝAŞAMAGY HAKYNDAKY ALADA DÖWLET SYÝASATYMYZDA HEMIŞE ÖŇE SÜRÝÄN BAŞ MAKSADYMYZDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

10-njy fewral, 2023. Belgisi 6/1520



# ÝURDUMYZYŇ SEBITLERI DURMUŞ-YKDYSADY TAÝDAN ÖSDÜRILÝÄR

***7-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Mary welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, sebitde ýerine ýetirilýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy bilen tanyşdy. Döwlet Baştutanymyz bu ýerde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk, gurluşyk we senagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasarlarynyň hem-de beýleki käbir ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda ýurdumyzyň sebitlerini mundan beýläk-de durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek meselelerine bagyşlanan iş maslahatyny geçirdi.***

### OBASENAGAT TOPLUMYNY ÖSDÜRMEK MESELELERI ARA ALNYP MASLAHATLAŞYLDY

Iş maslahatynda, ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow häzirki wagtda ýurdumyzda, hususan-da, Mary welaýatynda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzyň welaýatlarynda oba hojalyk işleri giň gerimde alnyp barylýar. Şunda bugdaýa ideg etmek agrotehniki talaplara laýyklykda ýerine ýetirilýär. Mundan başga-da, şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek ýerleri sürmek we tekizlemek işleri dowam edýär. Ýazky ekiş möwsüminde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny, beýleki enjamlary taýýarlamak boýunça netijeli çäreler görülýär.

Ýurdumyzyň beýleki sebitlerinde bolşy ýaly, Mary welaýatynda hem möwsümleýin oba hojalyk işleri agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda dowam edýär. Şeýle-de, wise-premýer ýurdumyzyň çäginden geçýän derýalarda kadaly suw akymyny üpjün etmek, olaryň kenarlaryny berkitmek, suw akabalaryny we ýaplary arassalamak boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirden geljekki hasylyň düýbüniň berk tutulmalydygyny we munuň üçin möwsümleýin oba hojalyk işleriniň öz wagtynda, ýokary hilli, agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirilmelidigini belledi hem-de suwdan rejeli we kadaly peýdalanmagyň, ekin meýdanlaryny suw bilen bökdençsiz üpjün etmegiň wajypdygyna ünsi çekdi we bu babatda wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra iş maslahaty Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekowyň hasabaty bilen dowam etdi. Ol ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, hususan-da, Mary welaýatynda senagat desgalaryndaky işleriň ýagdaýy hem-de elektrik energiýasynyň üpjünçiligi we ýaýbaňlandyrylan giň gerimli gurluşyk işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumynyň milli ykdysadyýetimizde möhüm orun eýeleýändigini aýratyn belledi we bu pudaklary hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin zerur işleriň geçirilmelidigini nygtap, wise-premýere bu babatda anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew ýurdumyzyň goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, bu ugurda alnyp barylýan işleriň wajypdygyna ünsi çekip, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine degişli görkezmeleri berdi.

Ahal welaýatynyň merkeziniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow ýolbaşçylyk edýän düzümindäki işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny nygtady we bu babatda komitetiň ýolbaşçysyna birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Şu günler welaýatyň ak ekin meýdanlarynda ideg işleri agrotehniki talaplary berjaý etmek arkaly geçirilýär. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek ýerleri sürmek, tekizlemek işleri depginli dowam edýär. Ýazky ekiş möwsümine çenli oba hojalyk tehnikalaryny doly taýýar etmek boýunça zerur çäreler durmuşa geçirilýär. Ýazlyk ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişine taýýarlyk görülýär. Şunuň bilen bir hatarda, welaýatyň çäginden geçýän derýalaryň kenarlaryny berkitmek boýunça alnyp barylýan gidrotehniki çäreler barada hem hasabat berildi.

Şeýle-de häkim ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna hem-de Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, welaýatyň çäklerinde ýaýbaňlandyrylan giň gerimli gurluşyk işleriniň ýokary hilli we öz wagtynda ýerine ýetirilmegi üçin edilýän tagallalar barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň depgininiň we hiliniň geljekki bol hasylyň netijesidigini aýdyp, bu işleriň agrotehniki kadalara laýyklykda, öz wagtynda ýerine ýetirilmelidigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz suwdan rejeli peýdalanmagyň, oba hojalyk tehnikalaryny netijeli ulanmagyň zerurdygyna ünsi çekip, bu babatda welaýat häkimine birnäçe tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz iş maslahatynyň jemini jemläp, oňa gatnaşanlara öňde durýan möhüm wezipeleri ýerine ýetirmekde üstünlikleri arzuw etdi.

### MÖWSÜMLEÝIN OBA HOJALYK IŞLERI GYZGALAŇLY DOWAM EDÝÄR

Döwlet Baştutanymyz Mary welaýatyna iş saparynyň dowamynda welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy bilen tanyşdy. Häzirki wagtda daýhanlar üçin örän jogapkärli möwsüm dowam edýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleri bilen birlikde, gowaça ekiljek ýerleri ýazky ekiş möwsümine taýýarlamak utgaşykly alnyp barylýar. Ýurdumyzda oba hojalyk ekinlerinden bol hasyl almak üçin ähli şertler döredilýär. Daýhanlar ýokary hilli tohum, dökünleriň dürli görnüşleri, häzirki zaman oba hojalyk tehnikalary bilen doly üpjün edilýär. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde oba hojalyk pudagyna degişli desgalar gurlup ulanmaga berilýär.

### GARAGUM DERÝASYNYŇ KENARLARYNY BERKITMEK IŞLERI ALNYP BARYLÝAR

Oba hojalygynda suwdan tygşytly we rejeli peýdalanmak ýerden bol hasyl almagyň kepilidir. Döwlet Baştutanymyzyň oňyn başlangyçlary esasynda häzirki döwürde ýurdumyzda suwarymly ekerançylyk babatda ägirt uly tejribe toplandy, giň gerimli suw hojalyk taslamalary durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, suw hojalyk pudagynda ekologik ölçeglere laýyk gelýän öňdebaryjy usullardan we innowasion tehnologiýalardan peýdalanylýar.

Hormatly Prezidentimiz welaýatyň çäginden akyp geçýän Garagum derýasynyň kenarlaryny berkitmek boýunça alnyp barylýan işler bilen hem tanyşdy. Derýada kadaly suw akymyny almak üçin degişli işler geçirilýär. Bu işde kuwwatly tehnikalar netijeli işledilýär.

Ýurdumyzyň suw hojalygynda dünýäniň bu ugurdaky öňdebaryjy tejribesi giňden ulanylýar we kämil tehnologiýalar yzygiderli ornaşdyrylýar. Bularyň ählisi tutuş obasenagat toplumynyň okgunly ösmegini, oba ýaşaýjylarynyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlandyrylmagyny şertlendirýär.

## TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNA YNSANPERWERLIK KÖMEGI UGRADYLDY

***7-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy bilen, Türkiýe Respublikasynda bolan güýçli ýertitremäniň netijesinde ejir çeken dostlukly döwletiň doganlyk halkyna ynsanperwerlik kömegi ugradyldy. Ynsanperwerlik ýüki derman hem-de saglygy goraýyş maksatly serişdelerden we dokma önümlerinden ybaratdyr. Şeýle-de, Türkiýä lukmanlar ugradyldy. Olar ejir çekenlere kömek berýän kärdeşlerine zerur bolan ýardamy berýärler.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen başy başlanan we häzirki döwürde döwlet Baştutanymyzyň üstünlikli durmuşa geçirýän Türkmenistanyň döredijilikli daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hem goňşy we doganlyk ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmakdan ybaratdyr. Şunda ynsanperwer häsiýetli gatnaşyklara aýratyn orun berilýär.

Doganlyk halklar bilen dostlukly



gatnaşyklary saklamak we ösdürmek ýaly asylly däpler, zerur bolanda kömek goluny uzatmak türkmen halkynyň durmuşynda asyrlardan bäri dowam edip, nesilden-nesle geçip gelýär. Türkiýede bolup geçen tebigy heläkçilik köp sanly adam pidalaryna we şikes ýetmelerine, uly möçberli weýrançylyklara getirdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz we Gahryman Arkadagymyz doganlyk ýurduň Baştutanyna gynanç hatyny iberdiler. Hatlarda şu agyr pursatda gurban bolanlaryň dogan-garyndaşlaryna, ýakynlaryna ýürekden gynanç we medet beriji sözler, ejir çekenlere bolsa tiz wagtda sagalmaklary baradaky dilegler beýan edildi.

Ýurdumyz halkymyzyň özboluşly milliligine mahsus bolan ynsanperwerlik we hoşniýetlilik ýörelgelerinden ugur alyp, tebigy betbagtçylyk baradaky habara dessin seslenip, taryhy kökleriň, medeni we ruhy gymmatlyklaryň köpasyrlyk umumylygy birleşdirýän doganlyk halk üçin ynsanperwerlik kömegini ugratdy. Tebigy hadysa zeraly dörän weýrançylygyň dikeldilýän günlerinde berilýän goldaw hem-de şeýle çözgüdiň kabul edilmegi Türkmenistanyň parahatçylyk we ynsanperwerlik maksatlaryna ygrarlydygynyň nobatdaky aýdyň subutnamasydyr.

## TÜRKMEN-ÖZBEK GATNAŞYKLARY DABARALANÝAR

***Türkmenistanyň hem-de Özbegistanyň Prezidentleriniň tagallalary netijesinde iki goňşy we dostlukly ýurduň arasyndaky gatnaşyklar ugurlaryň giň gerimi, şol sanda syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlar boýunça depginli ösdürilýär. Häzirki döwürde iki ýurduň gatnaşyklary täze mazmun bilen baýlaşdyrylyp, özara hyzmatdaşlyk barha pugtalandyrylýar.***

Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygynyň bellenilen gününde – 7-nji fewralda hormatly Prezidentimiziň Buýrugyna laýyklykda, Özbegistan Respublikasyna suwuklandyrylan gazyň degişli möçberiniň muzdsuz iberilmegi, ýurdumyza Özbegistanda öndürilen «Tiz kömek» awtoulaglarynyň gelip gowuşmagy taraplaryň hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn pugtalandyrmaga çalyşýandyklarynyň no-



batdaky subutnamasyna öwrüldi.

Häzirki wagtda Türkmenistan we Özbegistan Respublikasy durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryna, taraplaryň milli bähbitlerine doly laýyk gelýän hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga çalyşýarlar. Üstünlikli durmuşa geçirilen hem-de amala aşyrylmagy meýilleşdirilýän bilelikdäki giň gerimli taslamalar munuň aýdyň subutnamasydyr.

Özbegistan Respublikasy Türkmenistanyň iň ýakyn goňşularynyň biri bolup durýar. Bu ýurt bilen dostluk we doganlyk gatnaşyklary öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýar hem-de döwrüň synagyndan geçendir. Biziň ýurtlarymyzyň we halklarymyzyň taryhy ösüşinde, medeniýetlerinde we däp-dessurlarynda hem umumylyklar köpdür. Iki döwletiň Aziýa yklymynyň merkezinde geografik taýdan amatly ýerleşmegi diňe bir sebit däl, eýsem, ählumumy möçberde hem möhüm ähmiýete eýedir. Türkmenistan we Özbegistan söwda-ykdysady hem-de ulag-kommunikasiýa geçelgeleriniň möhüm çatrygynda ýerleşmek bilen, «Gündogar – Günbatar» we «Demirgazyk – Günorta» ugurlary boýunça utgaşykly gatnaşyk edýärler. 3

**Dünýä ummanlarynyň goragynda**
Barselonanyň Awtonom uniwersitetiniň (Ispaniýa) we Daniýanyň Olborg uniwersitetiniň alymlary Ortaýer deňziniň demirgazyk-günbatar böleginden alnan suwasty çökündileriniň düzümindäki plastigiň mukdaryny ölçediler. 4

**Iň köp tomaşa edilen multfilm**
Çagalar üçin oýlanyp tapylan güýmenjeleriň iň esaslarynyň biri multfilm bolsa gerek. Ilkibaşdaky ak-gara şekillerden häzirki döwrebap görnüşe getirilen multfilmler çagalara ilkinji düşünjeleri bermekde, aňyny, akyl-zehinini ösdürmekde hem-de bilimini kämilleşdirmekde örän ähmiýetlidir. 5

**Hyýaly tälimçilikden hakyky hünärmenlige**
Häzirki döwrüň tanymal tälimçileri ýaşlykdan bu işe baş goşandyklary bilen meşhurlyga eýedir. Ýaş hasaplanýan ýaşlarda eginlerine sport eşiklerini geýen Žoze Mourinio, Andre Willaş-Boaş... ýaly özüni tanadan hünärmenler 33-36 ýaşlarynda tälimçi bolupdylar. 7

**UEFA Çempionlar Ligasynyň het-trikleri**
UEFA-nyň iň uly klub ýaryşy 1992-nji ýyldan bäri UEFA Çempionlar Ligasy diýen at bilen geçirilip gelinýär. Ozalky ady Ýewropanyň Çempion Klublarynyň Kubogy bolan bu ýaryşda 1992-nji ýyldan bäri 100 futbolça het-trik etmek başartdy. 8



# HALKYMYZYŇ ASYLLY ÝÖRELGELERI DOWAM ETDIRILÝÄR

8-nji fewralda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Türkiýe Respublikasynyň Aşgabatdaky ilçihanasyna gelip, doganlyk ýurduň wekillerine duýgudaşlyk bildirdi. Gahryman Arkadagymyz şu agyr pursatda gurban bolanlaryň dogan-garyndaşlaryna hem-de ýakynlaryna ýürekden gynanç we medet beriji sözlerini, ejir çekenlere bolsa tiz wagtda sagalmaklary baradaky dileglerini beýan etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Türkiýe Respublikasynyň paýtagtymyzdaky ilçihanasyna geldi we Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri hem-de ýurdumyzyň müftüsi bilen gürrüňdeş bolup, doganlyk halklar üçin şeýle agyr pursatlarda olara duýgudaşlyk bildirmegiň türkmen halkyna mahsus häsiýetleriň biridigini belledi. Medet beriji sözleriň ynsan ruhuny götermekde örän ýerliklidigini uzak ýyllaryň durmuş tejribesi subut etdi diýip, hormatly Arkadagymyz aýtdy.

Türkmenler taryhyň tutuş dowamynda goňşy ýurtlar bilen dostluk we özara goldaw bermek ýaly asylly ýörelgeler esasynda gatnaşyk saklaýarlar, agyr pursatlarda doganlyk goluny uzadýarlar. Nesilden-nesle geçip gelýän şeýle asylly ýörelgeler häzirki wagtda döwrüň ruhuna laýyklykda ösdürilýär.

Hormatly Arkadagymyz Türkiýede bolup geçen tebigy heläkçiligiň köp sanly adam pidalaryna, şikes ýetmelere, uly möçberli weýrançylyklara getirendigini gynanç bilen belläp, tebigy betbagtçylykdan ejir çekýän doganlyk türk halkyna çuňňur gynanjyny we medet beriji sözlerini aýdyp, türkmen-türk mizemez dost-doganlygynyň nyşany hökmünde Hatyra kitabynda ýazgy galdyrdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri doganlyk Türkiýede agyr betbagtçylygyň bolandygyny, bu tebigy hadysada köp sanly adamlaryň şehit bolandygyny, müňlerçe adama şikes ýetendigini aýdyp, özüniň çuňňur gynanjyny beýan etdi. Şeýle-de, Gahryman Arkadagymyz türkmen halkynyň adyndan Türkiýäniň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogana, ähli türk halkyna gynanjyny bildirip, «Boljak işe çäre ýok» diýlişi ýaly, betbagtçylyga duçar bolanlaryň arasynda öz raýatlarymyzyň hem bardygyny nygtady. Hormatly Arkadagymyz döwletimiziň her bir raýatyň arkasynda dag ýaly bolup durandygyny belläp, bir mesele ýüze çyksa, degişli düzümleriň üsti bilen zerur goldawlaryň beriljekdigini aýratyn belledi.

Gahryman Arkadagymyz şehit bolanlaryň dogan-garyndaşlaryna hormatly Prezidentimiziň adyndan, öz adyndan hem-de bütin halkymyzyň adyndan gynanç sözlerini beýan edip, merhumlara iman baýlygyny, olaryň ýatan ýerleriniň ýagty, jaýlarynyň jennet bolmagyny Beýik Biribardan dileg etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýakyn wagtda şehit bolanlary, öten-geçenleri hatyralap, «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumynda sadaka beriljekdigini belledi.

Soňra Türkmenistanyň müftüsi öten-geçenleri ýatlap, aýat-doga okady.

Häzirki döwürde ýurdumyzda ata-babalarymyzyň ynsanperwer ýörelgeleri mynasyp dowam etdirilýär. Munuň özi türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen başy başlanan we häzirki döwürde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu barada aýtmak bilen, Gahryman Arkadagymyz doganlyk ýurt bilen hyzmatdaşlygyň Arkadagly Serdarymyzyň we Rejep Taýyp Ärdoganyň bilelikdäki tagallalary netijesinde mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Gahryman Arkadagymyz iki dostlukly halkyň taryhynyň, däp-dessurlarynyň umumydygyny belläp, türkmen halkynyň «Söýenişen ýykylmaz» diýen parasatly sözünden ugur alnyp, şu agyr pursatda doganlyk türk halkyna zerur goldawlaryň beriljekdigini aýtdy hem-de tutuş türkmen halkynyň adyndan ýene-de bir gezek medet beriji sözlerini beýan etdi.

Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Togan Oral wagt tapyp ilçihana gelendigi hem-de türk halky üçin şu agyr pursatda medet beriji, ruhlandyryjy sözlerini aýdandygy üçin, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa türk halkynyň, Hökümetiniň adyndan hem-de hut öz adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi we beýan edilen medet beriji sözleri Türkiýe Respublikasynyň Prezidentine ýetirjekdigini belledi. Gahryman Arkadagymyzyň ilçihana gelip gynanç bildirmegi tutuş türk halkyna bildirilýän beýik mertebedir diýip, ilçi nygtady.

Tebigy heläkçilik zerarly dörän weýrançylygyň dikeldilýän günlerinde berilýän goldawyň Türkmenistanyň parahatçylyk, ynsanperwerlik ýörelgelerine ygrarlydygynyň aýdyň beýanydygyny belläp, Gahryman Arkadagymyz ýene bir gezek türk halkyna ruhy durnuklylyk arzuw etdi.

## Tehnologiýa kompaniýalary girdejilerini mälim etdi



ABŞ-nyň tehnologiýa kompaniýalary «Amazon» we «Alphabet» («Google»-yň eýesi) geçen ýylyň soňky çärýegindäki girdejileri barada maglumat berdi. Elektron söwda bilen meşgullanýan «Amazon» kompaniýasy geçen ýylyň soňky çärýeginde garaşylandan ýokary girdeji gazandy. Kompaniýanyň berýän maglumatyna görä, geçen ýylyň soňky çärýeginde gazanan girdejisi ozalky ýyldakydan 9 göterim artyp, 149,2 milliard dollara ýetdi. Kompaniýa 2021-nji ýylyň soňky çärýeginde 137,4 milliard dollarlyk satuw amala aşyrypdyr.

Elektron söwda ägirdi geçen ýylyň tutuş dowamynda 2,7 milliard dollar ýitgi çekendigini mälim etdi. Kompaniýa 2021-nji ýylda 33,4 milliard dollar arassa peýda gazanypdyr.

«Google»-a eýeçilik edýän «Alphabet»-iň geçen ýylyň soňky çärýeginde girdejisi artypdyr, peýdasy bolsa azalypdyr.

Kompaniýanyň üç aýyň dowamynda gazanan girdejisi ozalky ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 1 göterim artyp, 76,1 milliard dollara ýetipdir. «Alphabet» 2021-nji ýylyň oktýabr-dekabr aýlarynda 75,3 milliard dollar girdeji gazanypdyr.

## 65-nji «Grammy» baýraklary gowşuryldy



Aýdym-saz sungatynyň iň uly baýragy bolan «Grammy» baýraklary gowşuryldy. 65-nji «Grammy» baýraklarynyň gowşurylyş dabarasy Los-Anjelesdäki «Crypto.com» arenada geçirildi. Trewor Noýuň alyp baran dabarasynda iň uly baýraklara Harri Staýlz, Kendrik Lamar, Adel we Beýonse mynasyp boldy. Beýonse bu ýyl 4, häzire çenli bolsa 32 baýraga mynasyp bolup, ol ähli döwürleriň iň köp «Grammy» gazanan aýdymçysy boldy.

Ýylyň albomy diýlip, Harri Staýlzyň «Harry's House» atly albomy saýlandy. Ady agzalan bu albom ABBA (Voyage), Adel (30), Bed Banni (Un Verano Sin Ti), Beýonse (Renaissance), Brendi Karlaýl (In These Silent Days), Coldplay (Music of the Spheres), Kendrik Lamar (Mr. Morale & the Big Steppers), Lizzo (Special) we Meri Jeý Blaýj (Good Morning Gorgeous/Deluxe) ýaly aýdymçydyr toparlaryň albomlaryndan tapawutlanmagy başardy.

Ýylyň iň gowy täze aýdymçysy baýragyna Samara Joý mynasyp görüldi. Lizzo «About Damn Time» aýdymy bilen ýylyň ýazgysy baýragyny aldy. Ýylyň aýdymy hökmünde Bonni Reýttiň ýerine ýetiren «Just Like That» atly aýdymy saýlandy. Iň gowy solo pop aýdymy baýragyna Adel (Easy on Me), iň gowy tans-elektronik baýragyna Beýonse (Renaissance), iň gowy rep albomy baýragyna Kendrik Lamar (Mr. Morale & the Big Steppers) mynasyp görüldi.

## Ýurdumyzyň ussat suratkeşleriniň sergisi

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyz bedew bady bilen ösüşlere beslenýär. Diýarymyzda dürli baýramçylyk çäreleri, duşuşyklar yzygiderli geçirilýär. Medeniýet we sungat işgärleriniň häzirki bagtyýar döwri wasp edýän ajaýyp eserleriniň hem sany artýar. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda Watanymyzyň geljegi bolan ýaşlar öz saýlap alan hünärlerini ezberlik bilen özleşdirýärler.**



**9-njy fewralda Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky şekillendiriş sungaty muzeýinde ýurdumyzyň ussat suratkeşleriniň eserlerinden «Halypa-şägirtlik ýoly» atly sergi we duşuşyk geçirildi. Sergide ýurdumyzyň taryhy wakalaryny öz nusgawy eserlerinde beýan edip gelýän suratkeşleriň döredijiligini synlap bolýar. Dürli ýyllarda döredilen sungat eserleriniň arasynda Türkmenistanyň halk suratkeşi Aýhan Hajyýewiň «Türkmeniň ajaýyp nusgalaryny döredenler», Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Mämmet Mämmedowyň «Nury Halmämmedowyň portreti», Türkmenistanyň halk suratkeşi Durdy Baýramowyň «Şahyr Gurbannazar Ezizowyň portreti» atly eserleri öz mynasyp ornuny tapdy. Ýurdumyzyň asudalygyny, parahatlygyny we bagtyýar durmuşyny, şeýle hem gündelik durmuşy wasp edýän nusgawy şahyrlaryň, sungat ussatlarynyň keşplerini şu sergide görmek bolýar. Mundan başga-da, sergide ýurdumyzyň ussat heýkeltaraşlarynyň döreden heýkelleri hem görkezilýär. Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Alekseý Şetininiň «Magtymguly», Türkmenistanyň halk suratkeşi Juma Jumadurdynyň «Kompozitoryň portreti», Türkmenistanyň halk suratkeşi Saragt Babaýewiň «Alty Garlyýewiň portreti», Türkmenistanyň halk suratkeşi Seýitguly Artykmämmedowyň «Dutarçy» we Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Saparmämmet Meredowyň «Amangeldi Göni» atly portretleri aýratyn tapawutlanýar.**

**Ýurdumyzyň sungaty söýüji ýaşlary hem öz döreden aýdym-sazlary, sungat eserleri bilen türkmen medeniýetine, sungatyna goşant goşýarlar. Muzeý işgärleri hem öz gezeginde türkmen sungatynyň taryhyna giren nusgawy eserleri sergä çykaryp, dürli döredijilik duşuşyklaryny geçirip, ýaş suratkeşleriň nakgaşçylyk, heýkeltaraşlyk, grafika we amaly-haşam sungatyny özleşdirmekleri üçin mümkinçilik döredýärler.**

**Bagtyýar durmuşda ýaşaýan halkymyzda ähli ugurlarda halypa-şägirtlik ýoly mundan beýläk hem dowamat-dowam bolsun. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri rowaçlyklara beslensin!**

**Gültäç ŞAMMYÝEWA,**
***Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýiniň Hasaba alyş we saklaýyş bölüminiň esasy hünärmeni.***

## Abunaçylarynyň sany 900 milliondan geçdi

Dünýäniň iň köp girdejili kompaniýasy bolan «Apple» diňe haryt däl, eýsem, dürli hyzmatlary hem hödürleýär. Kompaniýanyň dürli hyzmatlaryndan peýdalanýan abunaçylarynyň sanynyň 935 milliona ýetendigi mälim edildi.



Kompaniýa «iCloud», «Apple Music», «Apple TV+», «Apple Arcade», «Apple News+», «Apple Fitness+», «Apple One» we «Apple Pay» ýaly dürli platformalar arkaly aýdym-saz, kino, güýmenje we beýleki hyzmatlary hödürleýär. Agzalýan hyzmatlar arkaly «Apple» geçen ýylyň soňky çärýeginde 20,8 milliard dollar girdeji alypdyr. Kompaniýa ozalky ýylyň degişli döwründe bu ugurdan 19,5 milliard dollar girdeji gazanypdy.

Kompaniýanyň haryt satuwy geçen ýylyň soňky çärýeginde 2021-nji ýylyň degişli döwründäkiden 5 göterim azalypdy.

## Rekord girdeji gazandy

Halkara haryt gatnawynda dünýäniň iň iri kompaniýalarynyň biri hasaplanýan «Maersk» geçen ýyl rekord derejede girdeji gazanandygyny mälim etdi. Şeýle-de bolsa, konteýnerler arkaly haryt gatnatmagy bilen tanalýan Daniýanyň bu kompaniýasy 2022-nji ýylyň dördünji çärýeginde girdejisiniň azalandygyny mälim etdi.



Kompaniýanyň girdejisi geçen ýylyň soňky çärýeginde 6,5 milliard dollara ýetipdir. Bilermenler bu görkezijiniň 6,77 milliard dollar bolmagyna garaşýardylar. 2021-nji ýylyň degişli döwründe bolsa, kompaniýa 8 milliard dollar girdeji gazanypdyr. Geçen ýyly ýokary girdeji bilen jemlän kompaniýa 685 million dollarlyk paýnamasyny paýdarlardan yzyna satyn aldy.

Kompaniýanyň ýolbaşçylary 2023-nji ýylda 8-11 milliard dollar aralygynda girdejä garaşýarlar.

## Artýan isleg arassa çeşmelerden üpjün ediler

Halkara Energiýa Agentligi (IEA) 2025-nji ýyla çenli elektrik energiýasyna bolan islegiň 3 göterim ýokarlanmagyna, goşmaça islegiň tas ählisiniň diýen ýaly arassa çeşmeler arkaly üpjün edilmegine garaşylýandygyny habar berdi. Agentligiň taýýarlan maglumatyna görä, geçen ýyl howanyň maýyl gelmegi bilen elektrik energiýasyna bolan isleg global derejede 2 göterim azalypdyr. Elektrik energiýasyna islegiň artýan böleginiň 70 göterimi Hytaý, Hindistan we günorta-gündogar Aziýa ýurtlaryna degişli bolar. Elektrik energiýasynda täzelenýän çeşmeleriň paýy 2022-nji ýylda 29 göterim bolan bolsa, 2025-nji ýylda 35 göterime ýeter. Şeýlelikde, energetika pudagyndaky kömürturşy gazynyň howa goýberilişi 2022-nji ýylda rekord derejede ýokarlanan bolsa, 2025-nji ýyla çenli bar bolan derejede saklanar. Maglumatlara görä, geljek üç ýylda dünýäde elektrik energiýasyna bolan isleg düýpgöter ýokarlanar. Energiýa bolan islegiň ýokarlanýandygyna garamazdan, onuň arassa çeşmelerden alynýan mukdarynyň hem artmagy bilen howa ýetirýän zyýanynda artyşyň bolmajakdygyna garaşylýar. Bu bolsa, energetika pudagynyň howa ýetirýän zyýanynyň iň ýokary derejä ýetendigini, mundan soňra peselişiň hasaba alnyp başlanjakdygyny aňladýar.



**Gülnara ŞADURDYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Ýşyklaryň festiwaly geçirildi

Ýaponiýada, Koreýada, Taýwanda we Hytaýda Täze ýyl baýramynyň tamamlanmagy mynasybetli ýşyk festiwaly geçirilýär. Bu baýramçylyk her ýyl başga bir güne düşüp, uzak Gündogar ýurtlarynda ulanylýan Aý senenamasynyň birinji aýynyň 15-nji gününde – täze ýylyň ilkinji dolan Aýynyň görünýän gijesinde geçirilýär. Bu festiwal Täze ýyl mynasybetli geçirilýän dabaralaryň tamamlanandygyny aňladýar. Adamlar ýagşy umyt-arzuwlar bilen şemiň ýylysy arkaly howa göterilýän çyralary uçurýarlar. Bu baýramçylygyň iki müň ýyldan bäri dürli dabaralar bilen bellenilýändigi aýdylýar. Ýşyk festiwaly gyşyň tamamlanyp, baharyň gelendigini aňladýar.



Bu festiwal uzak Gündogar ýurtlaryna müňlerçe syýahatçyny çekýär. Garaňky gatlyşmagy bilen çyralaryň asmana uçurylmagy täsin gözelligi emele getirýär. Syýahatçylyk bilermenleri bu baýramçylyga dünýäniň iň gowy gyşky gezelençleriniň sanawynyň ýokarky basgançaklarynda orun berýärler.

**Gülälek HAÝDAROWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## BILDIRIŞ

«Bekrewe» hususy kärhanasynyň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň üýtgäp, «Bekrewe» hojalyk jemgyýetine öwrülýändigini mälim edýäris.

## Ähli modelleri elektrik energiýasy bilen işlär

**Fransiýanyň «Peugeot» awtoulag kompaniýasy Ýewropada satuwa çykaryljak ulaglarynyň ählisiniň elektrik energiýasy bilen işlemegini ýola goýar. Kompaniýa geljek 2 ýylyň dowamynda 5 sany täze elektroulagy satuwa çykarar. 2025-nji ýyldan başlap, brendiň ähli modellerinde elektrik energiýasy bilen işleýän görnüşi bolar.**



**2030-njy ýyla çenli bolsa, sebitde satylýan «Peugeot»-laryň ählisi diňe elektrik energiýasy bilen işlär. Fransuz awtoulag öndürijisi «e-Lion» taslamasynyň çäklerinde 2023-nji ýyldan başlap, her modeliň gibrid, ýagny elektrik energiýasy bilen işleýän ikinji motory bolar. Geljek iki ýylyň dowamynda satuwa çykaryljak elektroulaglar bolsa dürli ulylykda bolup, müşderiler köpçüligine niýetlener.**

**Humaý HALLYÝEWA,**
***Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.***

## Sany azalyp barýan sugunyň owlagy boldy

**Ýabany tebigatyň çäginiň daralmagy bilen janly-jandarlaryň we ösümlikleriň köpüsi ýitip ýok bolup gitdi. Käbir jandarlaryň bolsa az sanlysy bar. Şeýle bolansoň, olaryň sanyny köpeltmek we ýaşaýyş meýdanyny giňeltmek üçin birnäçe işler amala aşyrylýar. Ýabany tebigatda az sanlysy duşýan jandarlaryň biri hem menekli sugundyr (lat. «Axis axis»). Ýakynda Polşanyň Poznan şäherindäki haýwanat bagynda menekli sugunyň owlagy boldy. Ýaýradylan suratlarda owlagyň aýaklanyp başlandygyny we enesiniň yzyndan galmaýandygyny görmek bolýar. Maglumat berlişine görä, bu owlak soňky ýyllarda dünýä inen bäşinji owlakdyr. Hindistan ýarym adasynda, Nepalda we Şri-Lankada gabat gelýän bu jandar adamyň aglaýan sesine meňzeş ses çykarmagy bilen tapawutlanýar. Sugunyň erkeginiň şahy 1 metre çenli ýetýär. Häzirki wagtda bu jandaryň sanynyň köpeldilmegi üçin birnäçe işler alnyp barylýar.**



ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 10-y, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111063

Belgisi: 6/1520
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# ÝAŞ NESILLER – ŞANLY GELJEGIMIZ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan ähli işler, belent maksatly tutumlar, ilkinji nobatda, halkymyzyň bagtyýarlygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Şonuň üçinem «Döwlet adam üçindir!», «Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarlarymyz döwletimiziň we jemgyýetimiziň esasy ýörelgesi bolup durýar. Munuň özi halkyň, aýratynam ýaş nesliň abadan, bagtyýar durmuşy baradaky aladanyň ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigine şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda ýaşlaryň döwür bilen aýakdaş gitmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Ýaşlaryň häzirki zaman tehnologiýasyndan baş çykarýan, giň dünýägaraýyşly, kämil şahsyýetler bolup ýetişmeklerine we olaryň bilim derejeleriniň has-da kämilleşmegine uly üns berilýär. Ähli okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilýändigi, ýaşlaryň iň kämil tehniki serişdelerden, internet torundan peýdalanmaklaryna giň ýoluň açylýandygy munuň aýdyň mysalydyr. Döredilýän mümkinçiliklerden üstünlikli peýdalanýan ýaşlarymyz dürli ugurlar boýunça geçirilýän halkara bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş edýärler.

Mälim bolşy ýaly, «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» üstünlikli amala aşyrylýar. Bu Konsepsiýa maglumat bilim ulgamyny döretmäge we bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmäge, bilim edaralarynda berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmaga, hilini ýokarlandyrmaga we okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmäge gönükdirilendir. Ýeri gelende bellesek, «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmekde Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary bilen 2021-nji ýylyň iýunynda rejelenen görnüşde kabul edilen «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň hem ähmiýeti uludyr.

Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda berkarar



döwletimiziň röwşen ertirine deňelýän çagalaryň bagtly geljegi ugrunda çäksiz aladalar edilýär. Çünki, Garaşsyz Türkmenistan durmuşymyzyň gülleri, ýüreklerimiziň örki bolan eziz çagalaryň, ýaş nesilleriň ähli arzuwlarynyň myrat tapýan ýurdudyr. Häzirki wagtda ähli pudaklarda öňdebaryjy tehnologiýalary we innowasiýalary işjeň ornaşdyrmaga gönükdirilen giň möçberli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Täzeçe bilim usullaryny we maglumat tehnologiýalaryny özleşdirýän mugallymlaryň hem hünäri ýokarlandyrylýar, ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň okuw mekdepleriniň arasynda halkara gatnaşyklary ösdürilýär. Häzirki zaman ylmynyň işjeň ösdürilmegi ýurdumyzy innowasion tehnologiýalary işläp taýýarlaýjy döwletleriň hataryna çykarmaga şert döredýär. Türkmen ýaşlarynyň bilim almaga, ylym bilen meşgullanmaga höwesi barha ýokarlanýar, diýmek, ylmy-tehniki ösüşe saldamly goşant goşýan ýaş türkmenistanlylaryň täze neslini kemala getirmek üçin ähli şertler döreýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň bilim ulgamynda daşary ýurt dillerini okatmagyň mazmunyny, ony öwretmegiň okuw-usulyýet binýadyny döwrebaplaşdyryp, ýaş nesliň dil biliminiň ösdürilmegine itergi berýär. Munuň özi talyp ýaşlaryň dünýä dillerini çuňňur öwrenip, özleşdirmeginde, erkin gürläp bilmeginde örän ähmiýetlidir.

Ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe berip, olary watansöýüji, giň dünýägaraýyşly, sagdyn bedenli, edep-terbiýeli, ruhubelent, zehinli ýaşlar edip kemala getirmek üçin biz – mugallymlar yhlas bilen zähmet çekýäris. Maksatlaryň myrat bolýan zamanasynda bilim ulgamyndaky ösüşleriň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylmagy biz – bilim işgärlerinde buýsanç duýgusyny döredýär. Geljekde hem uly ruhubelentlik bilen ata Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesillere bilim bermek işine mynasyp goşandymyzy goşarys.

**Döwletmyrat ABAKOW,**
*Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň 14-nji orta mekdebiniň mugallymy.*

# TÜRKMEN-ÖZBEK GATNAŞYKLARY DABARALANÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistan we Özbegistan gadymy we täsin medeniýetleriň mirasdüşerleri bolmak bilen, umumadamzat gymmatlygynyň aýrylmaz bölegi bolan taryhy-arheologik ýadygärliklere aýawly garamak babatda hyzmatdaşlyk edýärler.

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen hem-de häzirki we geljekki nesiller üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyga eýe bolan Nusaýyň, Merwiň, Köneürgenjiň, Samarkandyň, Buharanyň, Hywanyň we beýleki merkezleriň arheologik ýadygärlikler we binagärlik toplumlary häzirki döwürde diňe bir köp sanly syýahatçylar üçin däl, eýsem, dünýäniň iri ylym-bilim merkezlerinden alymlar üçin özüne çekiji merkezler bolup durýar. Ençeme müňýyllyklar mundan ozal olarda häzirki siwilizasiýanyň esasy goýlupdyr.

Häzirki wagtda barha berkeýän türkmen-özbek dostlugy Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllyk şanly senesiniň giňden baýram edilmegi bilen has-da özboluşly häsiýete eýe boldy.

Hormatly Prezidentimiziň geçen ýylyň iýul aýynda Özbegistana amala aşyran döwlet sapary ikitaraplaýyn gatnaşyklary hil taýdan täze derejelere çykardy. Soňky ýyllarda täze ösüşe eýe bolan we mazmun babatda baýlaşdyrylan döwletara gatnaşyklaryň okgunly ösdürilmeginiň möhüm şertleriniň biri hem gadymyýetden bäri türkmen we özbek halklaryny birleşdirýän medeni we ruhy gymmatlyklaryň umumylygyna esaslanýan ynsanperwer ulgamdaky





hyzmatdaşlykdyr.

Netijeli hyzmatdaşlygyň möhüm ugry hökmünde ylym-bilim ulgamyny görkezmek bolar. Bu ugurda oňyn tejribe toplandy, medeniýet ulgamynda gatnaşyklar barha pugtalandyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, halklarymyzyň dostlugynyň aýdyň nyşany hökmünde türkmen paýtagtynda «Daşkent» seýilgähiniň açylandygyny bellemek bolar. Mälim bolşy ýaly, bu toplum iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda geçen ýylyň 21-nji oktýabrynda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň Türkmenistana resmi saparynyň barşynda açyldy. Daşkent şäherinde hem «Aşgabat» seýilgähi bar. Iki ýurduň paýtagtlarynda Gündogaryň beýik akyldar şahyrlary Magtymguly Pyragynyň we Alyşir Nowaýynyň ýadygärlikleri dikildi. Doganlaşan Aşgabat hem-de Daşkent şäherleriniň arasynda ynsanperwer gatnaşyklar giňeldilýär.

Geçen ýyl Daşoguz şäherinde Türkmen we özbek halklarynyň dostluk festiwaly geçirildi. Türkmen halky bilen goňşy özbek halkynyň arasynda döredijilik hyzmatdaşlygynyň baý tejribesi toplanyldy. Bu şäherde goňşy ýurduň döredijilik wekiliýetleri ençeme gezek saparda boldular. Muňa 2010-njy ýylyň oktýabr aýynda bu ýerde geçirilen Türkmen we özbek halklarynyň dostluk festiwalyny, 2017-nji ýylyň oktýabr aýynda Özbek medeniýetiniň günleriniň ýapylyşynda geçirilen iki dostlukly ýurduň sungat ussatlarynyň bilelikdäki konsertini mysal getirmek bolar. Mundan başga-da, Daşoguz welaýatynyň häkimliginiň we Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynyň administrasiýasynyň arasynda 2017-nji ýylyň mart aýynda gol çekilen söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşygyň çäklerinde hem döredijilik gatnaşyklary ösdürilýär.

**Aýgül BERDILIÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis diliniň fonetikasy we leksikologiýasy kafedrasynyň mugallymy.*

# DÖWLETLI MASLAHAT – OŇYN ÇÖZGÜTLER

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň her güni şanly wakalara, taryhy senelere beslenip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüne aýratyn şan berýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bu ýylda milli ýörelgelerimiz has-da ösdürilýär. Halkymyzyň ýaşululara sala salyp, maslahatly iş etmek ýörelgesi hem öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Şu ýylyň 21-nji ýanwarynda paýtagtymyzda geçirilen Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň, ýurdumyzyň jemgyýetçilik wekilleriniň bilelikdäki maslahaty hem pederlerimiziň asylly ýörelgeleriniň dowamat-dowamy bolup, ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda möhüm orun eýeleýär. Il sylagly ýaşulularyň, dilleri senaly enelerimiziň, bagtyýar ýaşlaryň gatnaşmagynda geçirilen bu maslahat halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, bagtyýarlygyny ýene bir ýola äleme äşgär etdi.

Maslahatda kabul edilen döwletli çözgütler bilen birlikde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilip, hormatly Prezidentimiziň Permany bilen onuň Başlygy wezipesine Gahryman Arkadagymyzyň bellenmegi, Türkmenistanyň Gahrymany, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedowy «Türkmen halkynyň Milli Lideri» diýip ykrar etmek hakyndaky Konstitusion kanunyň kabul edilmegi «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» şygary astynda geçýän şanly ýylyň taryhy wakasy hökmünde her birimizde uly buýsanç duýgusyny döretdi. Ata Watanymyzy dünýäniň senagat taýdan ösen, kämil syýasy ulgamy bolan, adalatly we demokratik jemgyýetli ýurtlarynyň derejesine çykarmagy baş maksadyna öwren Gahryman Arkadagymyz «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgeden ugur aldy. Şu ýörelge bilen hem beýik özgerişleriň başyny başlap, Berkarar döwletimizi gülläp ösüşleriň, bagtyýar durmuşyň, döredijilikli zähmetiň mekanyna, ynsan arzuwlarynyň hasyl bolýan ýurduna öwürdi. Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary, ýadawsyz zähmeti bilen Garaşsyz Türkmenistan gurmak, döretmek babatda dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna deňleşdi.

Hemmämize mälim bolşy ýaly, 2019-njy ýylyň baharynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda, beýik şahsyýetleri bilen şöhratly taryha eýe bolan Gökdepe etrabynyň mukaddes topragynda Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň gurluşygyna badalga berildi. Türkmenistanyň Milli Geňeşi ýurdumyzyň raýatlarynyň isleg-arzuwlaryny, jemgyýetçilik birleşikleriniň tekliplerini göz öňünde tutup, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezini



«Ahal welaýatynyň Arkadag şäheri» diýip atlandyrmak çözgüdine gelendigi baradaky hoş habar halkymyzyň ruhuna ruh goşdy. Asyrlara ýaň saljak bu döwrebap şäher – Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň yhlasynyň, ägirt uly tagallalarynyň, gurluşyk we binagärlik babatda ýiti zehininiň, pähim-paýhasynyň miwesidir.

Şahandaz türkmen halkynyň durmuşyny aýdym-sazsyz göz öňüne getirip bolmaýar. Bu jadyly sungat öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Geçmişe sarpa goýmak, taryhy şahsyýetlerimizi hormatlamak halkymyzyň asylly milli ýörelgeleriniň biri bolup, ol täze taryhy eýýamda dowam etdirilýär. Gojaman Köpetdagyň eteginde täze bina bolan Arkadag şäheriniň medeniýet-sungat binalaryna geçmişde öçmejek yz goýan görnükli şahsyýetlerimiz Sahy Jepbarowyň, Şükür bagşynyň, Aman Gulmämmedowyň atlarynyň dakylmagy göwün guşumyzy ganatlandyrdy. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, mertebesi belent bolsun! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe tutýan tutumlarynyň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

**Akgül NURBERDIÝEWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy.*

# KITAP BILIMIŇ AÇARYDYR

Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiz durmuşyň ähli ugurlarynda günsaýyn beýik ösüşlere ýetýär hem-de täze sepgitlere tarap batly gadamlar bilen barýar. Häzirki wagtda türkmen halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşaýar. Bu ýylyň bolsa «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip atlandyrylmagy ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de durnukly we hemmetaraplaýyn ösdürmekde hem-de onuň dünýä giňişliginde eýeleýän öňdebaryjy ornuny pugtalandyrmakda döwletimiziň hem, halkymyzyň hem ýaşlara bil baglaýandygynyň şaýadydyr.

Arkadagly Serdarymyzyň ýaşlar baradaky döwlet syýasaty olaryň sagdyn ösmegi hem-de kemala gelmegi üçin has oňaýly şertleri döretmäge, jemgyýetiň we döwletiň bähbidine ýaşlaryň aň-paýhas, döredijilik, ruhy mümkinçiliklerini doly amala aşyrmaga gönükdirilendir.

Kitap hakyky hazyna we bilimiň açary hasaplanýar. Kitap adamy terbiýeleýän, durmuşyň kynçylyklaryna taýýarlaýan, öwüt-nesihat berip, dogry ýol görkezýän we adamda iň gowy häsiýetleri kemala getirýän dostdur. Kitap okamak adamyň döredijilikli pikirlenmeginiň ösmegine, ünsüň güýçlenmegine, maglumat gorunyň baýlaşmagyna, dartgynlylygyň aýrylmagyna sebäp bolýar. Kitapdan öwrenjek tükeniksiz maglumatlarymyz bilen, hatda ýetip bilmejek menzillerimize ýetip bileris. Kitap okamak diňe bir söz baýlygymyza kömek etmän, eýsem, ýazuw düzgünlerine laýyklykda sözleri dogry ýazmaga we daşary ýurt dilini öwrenenimizde sözleri ýatda saklamaga hem kömek edýär.

Her bir kitap özünde aýratyn bir many saklaýar we her gezek täze zatlary öwredýär. Adam näçe köp kitap okasa, onuň düşünjesi, dünýägaraýşy şonça-da giň bolýar



we onda dürli soraglar, täze pikirler döräp başlaýar. Köp okan adam diňe ylmy durmuşda üstünlik gazanman, eýsem, şahsy durmuşda hem üstünliklere eýe bolýar we çylşyrymly ýagdaýlardan ugurtapyjylyk bilen çykmagy başarýar. Okaýan adam haýsy ugurda üstünlige ýetip biljekdigini, haýsy ugruň onuň häsiýetine kybap geljekdigini ýüze çykaryp biler. Adamyň kitapdan okan zatlary belli bir derejede onuň häsiýetine siňýär. Tutuş dünýäni gezmäge mümkinçilik tapman bileris, emma kitap okamak arkaly bütin dünýäni gezen ýaly bolup bileris.

Belli şahsyýetler kitap okamagyň egsilmez hazynadygyny belläp geçipdirler. Okamak göwnüçökgünligi aradan aýyrýar. Kitap okaýan adamyň söz baýlygy giň bolýar, akyly ösýär, zehini joşýar, pikiri durlanýar. Okan adam bilime baý bolup, ýatkeşligi, düşünjesi giňeýär. Kitaby köp okasaň, ylym almagyň we durmuşa düşünmegiň ýollaryny tapyp bolýar. Sözüň manysyna çuňňur düşünmäge, öwrenilen zatlary pugta ýatda saklamaga, aýdylýan zadyň maksadyny aňmaga we pynhan hikmetleriň syryny bilmäge kömek edýär. Şonuň üçin okamak uly ähmiýete eýe bolup durýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Häzirki türkmen jemgyýetinde, ýaş nesilleriň ruhy taýdan terbiýelenmeginde we döwrebap dünýägaraýyşlaryň kemala gelmeginde kitap möhüm orny eýeleýär. Raýatlarymyzy bagtyýarlyk ruhunda terbiýelemekde, sadalyk, päklik, mähribanlyk, hoşniýetlilik, watançylyk duýgularyny oýarmakda kitaphanalaryň mümkinçilikleri çäksizdir» diýip belleýär. Milli Liderimiziň tagallasy bilen neşir edilen «Paýhas çeşmesi» atly kitapda: «Bilmeýän zadyňy kitapdan sora», «Kitap okamaýan görýänini görer, kitap okaýan dünýäni görer», «Kitap – geçeni, geljegi öwredýän dana» ýaly gymmatly jümleler getirilýär. Munuň özi halkymyzyň gadymy döwürlerden bäri kitaba goýýan uly hormat-sarpasynyň aýdyň beýanydyr.

Çuňňur many-mazmunly kitaplaryň durmuşymyza, bagtly geljegimize ýetirýän täsiriniň örän uludygy bolsa her bir türkmen ýaşlaryny kitap okamaga ruhlandyrýar.

**Parça GYLYÇDURDYÝEWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy.*



# ADAM SAGLYGYNA ANTIBIOTIKLERIŇ TÄSIRI

Haýsydyr bir keseli bejermek üçin niýetlenilýän antibiotikleriň nädogry saýlanylmagy, ýerliksiz hem-de köp mukdarda we dowamly kabul edilmegi bedene uly zyýan ýetirip bilýär. Netijede, adamyň immun ulgamy gowşaýar, içegäniň mikroflorasy bozulýar, beden öýjükleri zeperlenýär, deriniň, saçyň, dyrnagyň ýagdaýy ýaramazlaşýar, bedende kandidoz kömelejigi döreýär we köpelýär, bagra düşýän agram artýar, kesel dörediji bakteriýalaryň öň ulanylan antibiotiklere duýgurlygy peselýär. Netijede, bakteriýalaryň antibiotiklere durnukly täze görnüşleri peýda bolýar. Şoňa görä, bakteriýalaryň antibiotiklere duýgurlygyny anyklaýan bakteriologiki barlag geçirilýär. Barlagyň netijesi zerurdygyny görkezende bejerişde ulanmak üçin başga bir derman serişdesi saýlanylýar.

Antibiotikleriň nädogry ulanylmagy sebäpli ýüze çykyp bilýän näsazlyklaryň iň köp duş gelýäni dermana allergiýanyň bardygy zerarly derä örgünleriň örmegidir. Şeýle hem göwreli we çaga emdirýän aýallar antibiotik serişdelerini özbaşdak ulanmakdan saklanmalydyr. Olary diňe lukman degişli barlaglaryň netijesiniň esasynda bellän halatlarynda kabul etmelidir. Nädogry ulanylanda, hatda degişli barlaglaryň esasynda lukmanyň bellän antibiotiki derman serişdeleriniň hem peýdasy azalýar, bedene ýetirýän zyýany bolsa artýar. Şonuň üçin antibiotikler bilen bejergi alynýan döwürde şu degişli düzgünleri gyşarnyksyz berjaý etmek zerurdyr:

Antibiotikleri lukman tarapyndan bellenen tertipde kabul etmeli. Olaryň mukdaryny özbaşdak üýtgetmeli däl. Bu derman serişdeleri bilen bejerişi lukmanyň bellän möhletinden öň bes etmek hem maslahat berilmeýär. Eger syrkaw lukmanyň bellän dermanyny öň kabul eden hem bolsa ýa-da antibiotikler bilen bejergi bellenilen döwürde başga dermanlary hem ulanýan bolsa, onda ol bu ýagdaýlary lukmana duýdurmalydyr. Antibiotikleriň birbada köp görnüşini peýdalanmaga zerurlyk ýüze çykanda, bejergini lukmanyň gözegçiligi astynda geçirmelidir. Sebäbi bu ýagdaýda syrkawyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy mümkindir. Antibiotikleriň ulanylýan döwründe kömelejiklere garşy täsirli dermanlar lukmanyň maslahat beren tertibinde kabul edilmelidir.

Islendik dermany, şol sanda antibiotik derman serişdesini ulanmaga başlamazdan öň onuň gözükdirijisini doly okamaly. Dermanyň ulanyş möhleti, gapdallaýyn ýaramsyz täsiri, ony ulanyp bolmaýan ýagdaýlar görkezilýän ýazgylara aýratyn üns bermeli. Bejeriş geçirilip gutarmanka gözükdirijini zyňmaly däl.

Antibiotik derman serişdelerini her gün şol bir wagtda ulanmaly. Antibiotikler bilen bejergi geçirilýän günlerde işjeň hereket etmekden saklanmaly, bedene düşýän agramy azaltmaly, ýeterlik dynç almaly. Dogry iýmitlenmek antibiotikler bilen bejergi geçirilýän döwürde aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Gowrulyp bişirilen naharlary diňe bir antibiotikler bilen bejergi geçirilýän döwürde däl-de, eýsem, başga wagtda-da çäklendirmek maksada laýykdyr. Iýmit önümleri gowrulanda antibiotikleriň işjeňligini peseldýän maddalar emele gelýär, mikrotolkunly elektrik pejinde bişirilende bolsa olaryň düzümindäki beloklaryň aglabasy ýitirilýär. Ösümlik kletçatkalaryna, witaminlerdir makro-mikroelementlere baý önümler, irimçik üwelen undan bişirilen çörek, kelem, kädi, göktereň (kabaçok), sogan, pomidor, bolgar burçy peýdaly. Gök önüm çorbalaryny, tüwi, süle, greçka şülelerini iýmeli. Naharlara, işdäaçarlara hoşboýlyklary, kakadylan miweleri, hoz, limon ýa-da onuň şiresini goşmaly. Çaýyňa limon atmaly, gök önüm we miwe şirelerini içmeli. Ýöne käbir antibiotikleriň turşy gurşawda täsirini ýitirýändigini ýatdan çykarmaly däl. Şeýle antibiotikler bilen bejergi geçirilýän döwürde lukman bilen maslahatlaşyp, gündelik iýmitiňde turşy süýt önümlerini we miweleri ulanmakdan gaça durmaly.

Antibiotikler bilen bejergi geçirilende köp suwuklyk (arassa agyz suwy, çaý çopantelpegiň melhemlikleri, gök önüm we miwe şireleri) içmeli. Gazly, reňkli süýji suwlary, alkogolly içgileri içmeli däl. Kofe bilen çaýy derman kabul edilenden 1-2 sagatdan soň içmek mümkindir.

Lukmanyň maslahatyna görä, antibiotikler bilen bejergi geçirilenden soň zeperlenip bilýän içegäniň mikroflorasyny dikeltmek, peýdaly bakteriýalary köpeltmek we şeýlelikde, disbakteriozyň öňüni almak üçin ter ýa-da kakadylan miweleri, böwürslen, armyt, alma, kişde, kişmiş, banan, kiwi, sitrus miwelerini, gatyk, dorag iýmek peýdalydyr.

**Guwanç SAPAROW,**
*Aşgabat şäher hassahanasynyň bölüm müdiri.*

## DÜNÝÄ HABARLARY

gysga setirlerde



**Prezidentlige dalaş etmekçi.** ABŞ-nyň BMG-däki ozalky hemişelik wekili (2017-2018) Nikki Heýli ABŞ-da 2024-nji ýylda geçiriljek prezident saýlawlarynda Respublikan partiýasyndan öz dalaşgärligini yglan etmegi meýilleşdirýär. Bu barada CNN teleýaýlymy habarly çeşmelere salgylanyp habar berdi.



**Parlament saýlawlary geçiriler.** Bolgariýanyň Prezidenti Rumen Radew 48-nji Milli mejlisi 3-nji fewralda ýatyryp, 2-nji aprelde geçiriljek parlament saýlawlaryny meýilleşdirmek baradaky karara gol çekdi. Bu barada döwlet Baştutanynyň metbugat gullugy habar berdi.



**Prezident köşgi gurlar.** Mongoliýanyň gadymy paýtagty Garagurumyň ýerinde gurulmagy meýilleşdirilýän täze şäherde prezident köşgi gurlar. Bu barada gurluşyk we şäher gurluşyk ministri Serenpilin Dawaasuren habar berdi. Geodeziki gözleg tamamlanandan soň şäheriň umumy meýilnamasyny döretmek boýunça işlere başlanar.



**Dünýäniň iň uly suw liliýasy.** Boliwiýa dünýäniň iň uly suw liliýasynyň eýesi hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Bu liliýanyň ýapraklarynyň diametri 3,2 metrden geçýär. Bu ýerde gürrüň uzak wagtlap beýleki suw liliýalarynyň biridir öýdülen «Boliwiýa Wiktoriýa» atly ösümlik barada barýar. Ol 2019-njy ýylda ýüze çykaryldy.



**Dünýä rekordyny täzeledi.** Bobbi atly it dünýäniň iň garry iti diýlip ykrar edildi. Şeýle-de, itleriň arasynda iň ýokary ýaş boýunça dünýä rekordyny täzeledi. Bobbi 1992-nji ýylyň 11-nji maýynda dünýä indi. 2023-nji ýylyň 10-njy fewralynda 30 ýyl 276 gün ýaşady. Rafeýru du Alentežu tohumyndan bolan bu itler adatça, 12-14 ýyl ýaşaýar.



**«Çagyryş» filmi görkeziler.** Kosmosda bölekleýin surata düşürilen Klim Şipenkonyň režissýorlygyndaky «Çagyryş» filminiň ilkinji görkezilişi 12-16-njy aprel aralygynda Kaluga şäherinde (Russiýa) geçiriljek «Siolkowskiý» film festiwalyny açar. «Çagyryş» Halkara kosmos stansiýasynda düşürilen ilkinji çeper filmdir.



**Bahar gijiger.** ABŞ-da Fil atly surok bahar üçin çaklama etdi. Süreninden çykan surok kölegesinden gorkdy. Bu gyşyň ýene alty hepde dowam etjekdigini aňladýar. Surok güni 2-nji fewralda ABŞ-da bellenilýär. Bu däp 130 ýyl bäri dowam edýär. Surok kölegesinden gorksa, gyşyň heniz bardygyny, gorkmasa ýazyň ir geljekdigini aňladýar.



**Rekordlar kitabyna girdi.** Ginnesiň rekordlar kitaby Serbiýada birmeňzeş at-familiýaly zenanlaryň 256-synyň bir ýerde jemlenmegini hasaba aldy. Milisa Ýowanowiç atly zenanlaryň 256-syny bir ýere jemlemek çäresini guraýjylara rekordlar kitaby tarapyndan degişli şahadatnama we Ýowanowiçleriň her birine ýadygärlik sowgatlary gowşuruldy.

**Iň gymmat geleşik.** Dubaýda 112 million dollara penthaus, ýagny köp gatly ýaşaýyş jaýynyň ýokarky gatyndaky özbaşyna eýwanly aýratyn jaý satyldy. Bu barada «The National News» neşiri habar berdi. Bu gozgalmaýan emlägiň satuwy boýunça emirligiň taryhynda iň gymmat geleşikdir.



## Saýlawlaryň ikinji tapgyry geçiriler

**12-nji fewralda Kiprde prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry geçiriler. Oňa garaşsyz dalaşgär, Kipriň öňki daşary işler ministri Nikos Hristodulides we ýurduň Zähmetkeş halk partiýasy (AKEL) tarapyndan goldanylýan garaşsyz dalaşgär Andreas Mawroýannis gatnaşar.**

**5-nji fewralda geçirilen birinji tapgyrda Nikos Hristodulides 32,04% sese, Andreas Mawroýannis bolsa, 29,61% sese eýe boldy. Häkimiýet başyndaky «Demokratik bileleşik» partiýasynyň dalaşgäri Awerof Neofitu 26,1% sese eýe bolup, sesleriň ikinji tapgyrynda prezidentlik ugrundaky bäsdeşlige gatnaşmak hukugyny ýitirdi.**

**Kipriň Konstitusiýasyna laýyklykda, prezident saýlawlarynda hiç bir dalaşgär 50%-den köp ses gazanyp bilmese, birinji tapgyrda iň köp ses gazanan iki dalaşgär ikinji tapgyra çykýar. Maglumatlara görä, häzirki saýlawlarda 14 dalaşgär prezidentlige dalaş etdi. Bu syýasy çärede 56,1 müňden gowrak saýlawçy hasaba alnyp, olaryň gatnaşygy 72,05%-e deň boldy.**

**Kipr Respublikasy Ortaýer deňziniň gündogar böleginde ýerleşýän ada döwletidir. Ýurt geografik ölçeglerden daşgary Ýewropanyň bir bölegi hasaplanyp bilner. Kipr etno-medeni, dini we milli dürlüligi bolan köpmilletli döwletdir. Kipr 2004-nji ýylyň 1-nji maýyndan bäri Ýewropa Bileleşiginiň agzasydyr. Maglumatlara görä, ýurduň ilaty 1 million 244 müňden gowrak.**



## «Forbes»-iň täze sanawy

2022-nji ýylyň ahyrynda Afrikanyň iň gurply adamlarynyň umumy baýlygy 81,5 milliard dollar bolup, ýylyň dowamynda 3,1 milliard dollar azaldy. Afrikanyň 54 döwletiniň diňe ýedisine wekilçilik edýän 19 adam bu sanawa girizildi diýip, «Forbes» neşiri habar berýär.

Iň uly sement öndüriji «Dangote Cement» kärhanasynyň eýesi Aliko Dangote 13,5 milliard dollar baýlygy bilen yzly-yzyna 12-nji gezek Afrikanyň iň baý adamy boldy. Onuň baýlygy bir ýylyň dowamynda 400 million dollar azaldy.

Sanawyň ikinji ornunda Günorta Afrika Respublikasynyň raýaty, «Cartier», «Montblanc» we «Chloe» brendlerine eýe bolan Şweýsariýanyň «Compagnie Financiere Richemont» kompaniýasynyň başlygy Ýohan Rupert bar. Onuň baýlygy 10,7 milliard dollar diýlip çaklanylýar.

«DeBeers» göwher gazyp alýan kompaniýanyň mirasdüşeri Nikki Oppenheimer (8,4 milliard dollar) ilkinji üçlügi jemledi.

Neşiriň habaryna görä, dördünji orny nigeriýaly milliarder we haýyr-sahawatçy Abdul Samad Rabiu (7,6 milliard dollar), bäşinji orny müsürli işewür Nassef Sawiris (7,3 milliard dollar) eýeleýär.



## DÜNÝÄ UMMANLARYNYŇ GORAGYNDA

Barselonanyň Awtonom uniwersitetiniň (Ispaniýa) we Daniýanyň Olborg uniwersitetiniň alymlary Ortaýer deňziniň demirgazyk-günbatar böleginden alnan suwasty çökündileriniň düzümindäki plastigiň mukdaryny ölçediler. Geçirilen barlaglar plastigiň bölejikleriniň suwuň düýbünde üýtgewsiz ýagdaýda onýyllyklaryň dowamynda saklanýandygyny görkezdi diýip, «Environmental Science and Technology» neşiri ýazýar.

Ummanlaryň düzüminiň hapalanmagynyň häsiýeti boýunça plastigiň global önümçiliginiň 1965-2016-njy ýyllar aralygynda nähili özgerendigini anyklamak başartdy. Alymlar 2000-nji ýyldan başlap, deňziň düýbüne çöken plastik bölejikleriň üç esse artandygyny belleýärler. Plastmassa önümleriniň ulanylyşyny azaltmak boýunça köp ýurtlaryň tagallalaryna garamazdan, olaryň möçberi artýar.

Çökündileriň düzümi 1980-nji ýyldan başlap polietilen we polipropilen bölejikleriniň toplanmagynyň artyp başlandygyny görkezdi. Olar gaplaýyş materiallarynyň, çüýşeleriň we azyk plýonkalarynyň düzümine girýärler. Şeýle-de, geýimde ulanylýan sintetiki süýümlerden bolan poliesteriň hem artyşy hasaba alyndy. Şeýlelikde, soňky 20 ýylda plastik zibiliň çökündileri has köp emele gelipdir.

Alymlar suwuň düýbüne çökmek bilen plastigiň çüýremeýändigini, onuň dargamagyna kislorodyň we ýagtylygyň täsir etmeýändigini aýdýarlar. Zibiliň dargamagy, esasan, suwuň ýüzünde bolup geçýär, emma suwuň düýbünde welin, bu juda az möçberdedir.



Soňky ýyllarda plastik zibiller dünýä ummanynyň ekologiýasyna ýaramaz täsir edip, mikroplastikanyň suwda ýaşaýan jandarlar üçin howpludygyny subut edýän ýagdaýlar has-da artýar. Olary ilkinji nobatda gök kitler ýuwudýarlar, bu bolsa kitler üçin iýmiti özleşdirmekde kynçylyk döredip biler.



## Azyk önümleriniň bahasy arzanlaýar

Dünýäniň azyk önümleriniň bahasy 2022-nji ýylyň mart aýynda rekord derejä ýetenden soň, yzygiderli onunjy aýda hem arzanlamagyny dowam etdirýär. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalygy guramasy (FAO) tarapyndan ýaýradylan habarda aýdylýar.

Esasy iýmitleriň halkara bahalarynyň aýlyk üýtgemelerini görkezýän FAO-nyň azyk bahasy boýunça indeksi ýanwar aýynda 131,2 punkt bolup, dekabr aýyna garanyňda, 0,8% peseldi we geçen ýylyň mart aýyndaky rekord derejeden 17,9% arzanlady.

Hünärmenleriň pikiriçe, indeksiň peselmegi ösümlik ýaglarynyň, süýt önümleriniň we şekeriň bahalarynyň arzanlamagyna sebäp boldy. Şeýlelik bilen, ýanwar aýynda FAO tarapyndan kesgitlenen däneniň bahasynyň görkezijisi onçakly üýtgemän, dekabr aýy bilen deňeşdirilende 0,1% ýokarlandy, şunuň bilen birlikde, geçen ýyl bilen deňeşdirilende 4,8% ýokary bolmagynda galdy. «Awstraliýada we Russiýa Federasiýasynda galla önümçiliginiň garaşylýan möçberinden has ýokary bolandygy sebäpli bugdaýyň halkara bahasy 2,5% pese gaçdy» diýlip, beýanatda bellenilýär. Geçen aý ösümlik ýagynyň bahasy 2,9%, süýt önümleriniň bahasy 1,4%, şekeriň bahasy 1,1% aşak düşdi. Ýanwar aýynda FAO-da etiň bahasynyň indeksiniň az üýtgändigi bellendi.



## Wodorod strategiýasyny işläp düzýär

Ýewropa Bileleşigi ulaglary we senagaty arassa energiýa geçirmek maksady bilen wodorodyň ulanylmagyny esasy çeşmeleriň biri hökmünde ösdürmek barada karar kabul etdi. Bütin dünýäde bu gaz bilen doldurylýan müňe golaý ýangyç stansiýalary bolup, Belgiýanyň Antwerpen portunda hem bar. Şol ýerde awtoulaglaryň ýörite baklary wodorod bilen doldurylýar. Ýewropa Komissiýasy elektrik zarýad beriş stansiýalarynyň ýanynda şeýle infrastrukturany ornaşdyrmagy teklip edýär.

Belgiýanyň Walloniýa sebitiniň häkimliginiň tehnologiýa boýunça geňeşçisi Roý Kemp nebit önümleriniň we tebigy gazyň ulanylyşy azaldylan halatynda, wodorodyň atmosferany arassalamakda aýratyn ähmiýetini belläp şeýle diýdi:

– Bu meseläni çözmegiň bir bölegi bolar. Häzirlikçe biz, esasan, Gün we ýel ýaly täzelenýän energiýa çeşmelerine köp maýa goýýarys. Ýöne hemişe Gün şöhle saçyp, şemal öwsüp dursa, onda wodoroda zerurlyk hem bolmazdy. Wodorod energiýany saklamagyň iň amatly usulydyr. Wodorody gerekli wagty ulanyp, gerekmejek wagty hem tygşytlap bolýar. Wodorod şübhesiz geljegiň ýangyjyna öwrüler. Biz onuň hemme tehnika ýaraýandygy barada gürrüň etmeýäris, ýöne agyr ulaglaryň köpüsiniň wodorod bilen işlediljekdigine ynanýarys.

Belgiýanyň Hökümeti ony beýleki maksatlar üçin, esasan hem, dökün we plastmassa ýaly himiki önümleri öndürmek üçin ulanmak isleýär. Geljekde döwürleýin tablisanyň birinji elementi bolan wodorody termo ýadro sintezi üçin ulanmak maksat edinilýär.

Antwerpen portunda ulanylýan täzelenýän wodorod elektroliz arkaly öndürilýär. Ykdysadyýetde ulanylýan wodorodyň köp bölegi, esasan, tebigy gaz ýakylyp, $CO_2$ zyňyndylaryny howa goýberensoň alynýar. Şonuň üçin Ýewropa Komissiýasy $H_2$-niň «ýaşyl» energiýa arkaly öndürilmegini maksat edinýär.

Häzirki wagtda Germaniýa, Beýik Britaniýa, Niderlandlar, Belgiýa we Awstriýa ýaly ýurtlarda wodorod ulanmaga girişilýär. Wodorod himiki birleşme görnüşinde bolup, onuň köp bölegi dünýä ummanynda saklanýar. Bu element daşky gurşawy goramakda aýratyn ähmiýete eýe bolup, ulag serişdelerinde dizeliň, ýyladyş üçin tebigy gazyň hem-de metallurgiýa zawodynda ulanylýan kömrüň ýerini tutýar.

## Mikroçip öndürmekde öňe ymtylýar

**Germaniýada elektroulaglar üçin mikroçipleri öndürýän üçünji zawodyň ýakyn wagtda düýbi tutular. Amerikan korporasiýasy «Wolfspid» ýakyn wagtda ýurduň Saar sebitinde täze zawodyň gurluşygyna başlar. Bu Germaniýa awtoulag pudagy üçin ýokary tehnologiýaly ýarymgeçirijileri öndürmekde Ýewropada öňdebaryjy bolmaga mümkinçilik berer. Şeýle hem Ýewropanyň bu ugurda Aziýadan we Amerikadan köp ýyl yzda galmagyny ep-esli azaldar. Kompaniýa 2025-nji ýyldan başlap, Ýewropanyň elektroulag öndürijilerini mikroçipler bilen üpjün edip başlar.**

**Gurluşyk işlerine mart aýynda başlanar. Ýokary hilli önümçilik desgalary bilen abzallaşdyrylan täze mikroelektronika zawody öňki kömür bilen işleýän «Ensdorf» elektrik stansiýasynyň ýerinde gurlar. «Infeneon» konserni Drezdende ýene-de bir zawod gurýar. Bir ýyl ozal Amerikanyň «Intel» kompaniýasy Germaniýanyň Magdeburgdan uzak bolmadyk ýerde birbada iki kärhana gurmak niýetini mälim etdi. Bular köp milliardlyk maýa goýum taslamalarydyr. Karbid kremniý esasly çipleri, kremniý çiplerine garanyňda, batareýa zarýad bermegi has çalt üpjün edýär we elektrikli ulaglaryň hereketlendiriş aralygyny ýokarlandyrýar. Mikroçiplere energetika pudagynda we senagat enjamlaryny öndürmekde hem uly isleg bildirilýär.**



## IŇ ULY GÄMI GURUJY ÝURT

Eýýäm 13 ýyl bäri öňdeligi eýeläp gelýän Hytaýyň gämi gurluşyk senagaty 2022-nji ýylda hem dünýäniň iň uly gämi gurluşykçysy boldy. Bu barada ýurduň Senagat we maglumat tehnologiýalary ministrligi habar berdi.

2022-nji ýylda ýurtda jemi dedweýti 37,86 million tonna deň bolan gämileriň gurluşygy tamamlandy. Şeýlelikde, bu Hytaýyň paýyna dünýäde gurlan gämileriň 47,3%-iniň degişlidigini aňladýar, 2021-nji ýylda bolsa bu görkeziji 47,2%-e deň bolupdyr. Mundan başga-da, geçen ýyl Hytaýyň paýyna dünýäniň gämi gurluşygy babatda sargytlaryň 55,2%-iniň degişli bolandygy habar berilýär. Şeýle hem ministrlikde geçen ýyl 6 sany hytaý kompaniýasynyň dünýäniň iň uly 10 gämi gurluşyk kompaniýasynyň hataryna girendigi mälim edildi.

Hytaýyň gämi gurluşyk senagaty assosiasiýasynyň (CANSI) ýolbaşçysy Sao Bonuň aýtmagyna görä, suwuklandyrylan tebigy gaz (STG) daşaýjy gämileriň gurluşygy babatda görnetin ösüşiň gazanylandygy hasaba alyndy. Şeýlelikde, hytaý kompaniýalary STG daşaýjy gämileriň 55-sini gurmak boýunça sargyt aldylar, bu dünýäde umumy sargytlaryň 30%-inden hem gowrakdyr.



HHR-de iri gämi gurluşykçy «China State Shipbuilding Corp.» kompaniýasynyň golçur kärhanasy bolan «Hudong-Zhonghua Shipbuilding (Group) Co.» kärhanasy şu ýyl STG daşaýan tankerleriň dokuzysynyň gurluşygyna başlamagy hem-de olaryň dördüsini sargytçylara gowşurmagy meýilleşdirýär.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1837-nji ýylyň 10-njy fewralynda meşhur rus ýazyjysy Aleksandr Sergeýewiç Puşkin aradan çykdy. Şahyr bary-ýogy 37 ýyl ýaşady. Şeýle-de bolsa, ýaşan ömründe ajaýyp nusgawy eserleri döretdi. Bu eserler diňe bir Russiýada däl, eýsem, tutuş dünýäde meşhurdyr. Şahyryň galamyndan 820-den gowrak eser çykdy.**





## Russiýaly zenan ýeňiji boldy

**Udmurtiýanyň ýaşaýjysy Ýelena Maksimowa «Älem hanymy – 2022» halkara gözellik bäsleşiginiň täjine eýe boldy. Bu ýyl bäsleşik 30-njy ýanwardan 5-nji fewral aralygynda Sofiýada geçirildi. «Udmurtiýanyň otuz dört ýaşly ýaşaýjysy Ýelena Maksimowa jemleýji tapgyry 4-nji fewralda Sofiýada geçirilen gözellik bäsleşiginde ýeňiji boldy» diýlip, bäsleşigiň metbugat gullugynda habar berilýär.**

**Bäsleşigiň finalyna Hytaý, Tailand, Filippinler, Ýaponiýa, Hindistan, Belarus, Ukraina, Germaniýa, Ispaniýa, ABŞ ýaly dürli ýurtlardan 120 zenan çykdy. 2007-nji ýyldan bäri geçirilýän bäsleşigiň taryhynda ilkinji gezek birinji orny Russiýanyň wekili eýeledi.**

**Bäsleşigiň düzgünlerine laýyklykda, 18 ýaşdan 55 ýaş aralygyndaky nikada duran zenanlar bäsleşige gatnaşyp bilýärler. Ýelena Maksimowa Udmurt Respublikasynyň Gyýa obasynda dünýä inýär. Maksimowa üç çaganyň enesi. Häzir ol Iżewskde dil merkezleriniň ulgamyna ýolbaşçylyk edýär. Onuň üç sany ýokary bilim alandygy baradaky diplomy, şol sanda ol London uniwersitetini gutardy.**

# 7 YKLYMYŇ 7 DEPESI



**Her kimiň gyzyklanýan pişesi we güýmenjesi bolýar. Mysal üçin, käbir adam sport bilen meşgullanyp, maşk etmek, ylgamak ýa-da futbol oýnamak arkaly özüni kanagatlandyrýan bolsa, käbir ynsan surat çekmek, aýdym aýtmak ýa-da döredijilik bilen meşgullanmak arkaly wagtyny gyzykly geçirýär. Şularyň hatarynda daga dyrmaşýanlary hem agzaman geçmek bolmaz. Alpinistler dünýäniň dürli künjegine aýlanyp daga dyrmaşmagy, beýik-beýik gerişlere çykyp, dag tebigatyny we gözelliklerini synlamagy özlerine gyzykly güýmenje hasaplaýarlar. Syýahatçylyk pudagynda hem daga dyrmaşmak, dag tebigatynda we dagyň etegindäki şypahanalarda dynç almak ýaly ugurlar öňdäki orunlary eýeleýär. Eýsem, dünýäde näçeräk dag ulgamy barka?! Ýer ýüzünde ululy-kiçili 1 milliondan gowrak dagyň bardygy aýdylýar. Elbrus, Alp, And, Ararat, Pamir, Hindiguş, Ural we Karpat dünýäniň iň uly dag ulgamlary bolup, iň ýaşy Gimalaý daglarydyr. Bilşimiz ýaly, 500 metr belentlikden ýokary depeler dag hasaplanýar. Gazetimiziň şu sanynda dünýäniň 7 yklymynyň iň beýik 7 depesi baradaky gyzykly maglumatlary size ýetirmegi makul bildik.**



**Aziýa: Ewerest dagy.** Aziýanyň we dünýäniň iň beýik depesi bolan Ewerest dagy Nepal bilen Hytaýyň araçäginde Günorta Aziýanyň Uly Gimalaý daglarynda ýerleşýär. 8848 metr beýiklikdäki Jomolungma depesi 1852-nji ýylda Ýeriň üstündäki iň beýik nokat hökmünde ykrar edilýär. Ewerest öwrenmek maksady bilen guralan ekspedisiýalar 1920-nji ýyllardan başlanýar. 1953-nji ýylda Täze zelandiýaly alpinist Edmund Hillari bilen nepally Tensing Norgeý Ewereste çykan ilkinji adamlar bolýar.



**Afrika: Kilimanjaro dagy.** Tanzaniýada ýerleşýän Kilimanjaro dagy Afrika yklymynyň iň beýik depesi bolup, takmynan 5895 metr belentlige deňdir. «Uly wulkan» diýen manyny aňladýan Kilimanjaro 3 bölekden: Kibo, Mawenzi we Şira dag gerişlerinden ybarat bolup, iň beýigi Kibo hasaplanýar. Alymlar 360 müň ýyl mundan ozal wulkan atylmagynyň netijesinde Kilimanjaro dagynyň emele gelendigini aýdýarlar. Bu dag köpçülige üsti gar bilen örtülen, töweregine şahalanyp gidýän tegelek gümmez şekilinde bellidir. Nemes geografy Hans Maýer bilen awstriýaly alpinist Lýudwig Purçeller 1889-njy ýylda Kilimanjaronyň iň beýik depesine çykan ilkinji adamlar bolýar. Şondan soň syýahatçylaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolan bu daga her ýyl 10 müňlerçe alpinist gelýär. 1973-nji ýylda dagyň ýerleşýän ýeri we daş-töweregindäki tokaý zolagy Kilimanjaro milli seýilgähi diýlip atlandyrylýar.



**Demirgazyk Amerika: Denali dagy.** Bu yklymyň iň beýik depesi Denali dagynda, ýagny Alýaskanyň günortasynda ýerleşýär. Mak-Kinli diýlip atlandyrylýan dagyň iň beýik depesi 6190 metr bolup, «Sourdough Expedition» gözleg toparynyň iki wekili 1910-njy ýylda bu belentlige çykan ilkinji alpinistler bolýar. Häzirki wagtda her ýyl ýüzlerçe alpinist Denali dagyna dyrmaşmaga synanyşýar.



**Günorta Amerika: Akonkagua dagy.** Argentinanyň çägindäki And daglarynyň bir bölegi bolan Akonkagua günorta ýarym şaryň iň beýik dagy hasaplanýar. 6959 metr belentlikdäki bu beýiklige ilkinji gezek 1897-nji ýylda şweýsariýaly alpinist Mattias Surbriggen çykýar. Dagyň üsti buzluk meýdanlardan ybarat bolup, ýokary çykmak üçin iň amatly ýol demirgazyk-gündogardaky Polşa buzlugydyr. Akonkagua dagynyň günortasynda 3400 metr belentlikde ýolagçylaryň düşlemegi üçin Konfluensiýa dynç alyş merkezi hem ýerleşýär. Akonkagua depesi beýikligi boýunça Aziýanyň iň beýik nokady Ewerestden soň ikinji orunda durýar.



**Antarktida: Winson dagy.** 1935-nji ýylda amerikaly barlagçy Linkoln Ellswort tarapyndan Antarktidanyň iň beýik depesi Winson dagy ýüze çykarylýar. Yklymyň günbatar bölegindäki Ellswort daglarynyň Sentinel gerşinde ýerleşýän bu depe deňiz derejesinden 4892 metr beýiklikde bolup, daş-töweregi 3 müň metr galyňlykdaky buz meýdanlary bilen örtülendir. Winson depesine çykmak üçin Drake geçelgesinden we Antarktidanyň buzluklaryndan geçmeli. Amerikaly alpinist Nikolas Klinç 1977-nji ýylda Winson dagynyň depesine çykan ilkinji adamdyr. Dünýäniň sowuk yklymynyň iň beýik nokadyna çykmak üçin barýan syýahatçylara alpinist Deýw Hahn ýolbeletlik edýär. Ol bu ugurda 37 gezek Winson dagyna çykmak bilen dünýä rekordyny eýeleýär.

**Ýewropa: Elbrus dagy.** Ýewropanyň iň beýik nokady Russiýanyň günorta-günbataryndaky Elbrus dagynda ýerleşýär. Wulkanyň atylmagy netijesinde 2,5 million ýyl mundan ozal emele gelen dag gerşiniň beýikligi 5642 metr bolup, buzluk meýdan bilen örtülendir.



Dünýäniň 7 depesiniň biri hasaplanýan bu beýiklige ilkinji gezek 1874-nji ýylda şweýsariýaly alpinist Piter Knubeliň ýolbaşçylygyndaky iňlis ekspedisiýa topary çykýar. Tomsuň gelmegi bilen Elbrus dagyndaky buzluklar eräp, Kuban derýasynyň bol suwuny emele getirýär.



**Awstraliýa: Kossýuşko dagy.** Dünýäniň täsin jandarlarynyň yklymy bolan Awstraliýanyň iň beýik nokady Täze Günorta Uels ştatynda, ýurduň günorta-gündogarynda ýerleşýän Kossýuşko dagydyr. Bu dagyň iň beýik depesi 2222 metr bolup, Awstraliýanyň Alp daglarynyň gerşinde ýerleşýän Kossýuşko milli seýilgähiniň bir bölegidir. Alpinistleriň bellemegine görä, birnäçe sagadyň içinde Kossýuşko depesine aňsatlyk bilen çykyp bolýar. Eger-de Okeaniýa yklymynyň umumy meýdanyny göz öňünde tutsak, onda bu yklymyň iň beýik nokady Indoneziýanyň Maoke dagyndaky Jaýa depesi bolar. 4884 metr belentlikdäki Jaýa dagy dünýädäki iň beýik ada depesi hasaplanýar. Jaýanyň ýokarsyna ilkinji bolup 1909-njy ýylda niderland gözlegçisi Hendrik Lorens çykýar.

# GÜNEBAKAR ÇIGIDINIŇ PEÝDASY



Oba hojalyk pudagynda müňlerçe gektara ekilýän günebakaryň içi maňyzly çigidi azyk senagatynda giňden peýdalanylýar. Adatça çigidiniň gabygy ak, gara we çal görnüşdäki günebakar ösdürilip ýetişdirilýär. Gündelik durmuşda sarp edilýän günebakar çigidiniň hem-de azyk senagatynda bu ösümlikden gaýtadan işlenip alynýan önümleriň peýdasy örän uludyr.

Günebakar çigidi gowrulan görnüşde peýdalanylýar. Ol ýokumly iýmit bolup, kaloriýa örän baýdyr. 100 gram günebakar çigidinde 585 kaloriýa energiýa saklanýar. Onuň düzümindäki süýüm we ýag saglyk üçin peýdaly bolup, beloklara baýdyr. Mundan başga-da, günebakar çigidiniň düzüminde pantoten kislotasy, folat, kolin, B6, C we E witamini hem-de kalsiý, demir, magniý, marganes, fosfor, kaliý, natriý, sink ýaly minerallar saklanýar. Bilermenleriň bellemegine görä, günebakar çigidi kädi çigidinden has ýokumlydyr.

**Immuniteti güýçlendirýär.** Günebakar çigidiniň immuniteti güýçlendiriji täsiri düzüminde E witamininiň, sinkiň we seleniň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. E witamini bedeni ýokanç kesellerden goraýar.

**Holesterini azaldýar.** Günebakar çigidindäki süýüm we niasin (B3 witamini) holesteriniň derejesini we ýürek-damar kesellerniň töwekgelçiligini peseldýär.

**Beýniniň işjeňligini güýçlendirýär.** Düzümindäki B6 witamini adamyň ruhy ýagdaýyny gowulandyryp, ýady güýçlendirýär. Şeýle hem bedendäki serotoniniň we norepinefriniň bölünip çykmagyna kömek edýär.

**Energiýa güýji.** Günebakar çigidi tiaminiň (B1 witamini) gowy çeşmesidir. Tiamin iýmitimizdäki uglewodlary, beloklary we ýaglary energiýa öwürmäge kömek edýär. Şeýle hem myşsalary gurplandyrýar.

**Deri üçin peýdaly.** Günebakar çigidiniň antibakterial we antifungal işjeňligi deride döreýän ýokançlygyň öňüni alýar. Şeýlelik bilen deriniň arassa saklanmagyna ýardam edýär. Oleý we linoleý turşulygy kallogen hem-de elastiniň emele gelmegine kömek edip, ýaranyň bitmegini çaltlandyrýar.

Günebakar çigidini aşa köp çigitlemek aşgazan agyrysyna we içgatama sebäp bolup biler. Şeýle hem dem alyş ýolunda käbir gyjynmalaryň döremegine getirip biler. Her gün 1 käseden (30 gram) artyk günebakar çigidini çigitlemek maslahat berilmeýär.

# ÇAGALAR

✓ Luwr muzeýiniň tutýan meýdany 60 müň 600 inedördül metre barabar bolup, dürli medeniýete degişli 480 müňden gowrak ýygyndyny özünde jemleýär.

## Iň köp tomaşa edilen MULTFILM

**Çagalar üçin oýlanyp tapylan güýmenjeleriň iň esasylarynyň biri multfilm bolsa gerek. Ilkibaşdaky ak-gara şekillerden häzirki döwrebap görnüşe getirilen multfilmler çagalara ilkinji düşünjeleri bermekde, aňyny, akyl-zehinini ösdürmekde hem-de bilimini kämilleşdirmekde örän ähmiýetlidir. Çagalar multfilmlere tomaşa etmek arkaly wagtyny gyzykly geçirýärler, şol sanda şekillerdäki gahrymanlaryň häsiýetini seljermek arkaly daş-töwerege akyl ýetirýärler. Käbir öwrediji multfilmler çagalaryň döredijilik başarnyklarynyň ýüze çykmagyna hem kömek edýär. Häzirki wagtda dünýäde körpe tomaşaçylar bilen bir hatarda, ulularyň hem göwnünden turýan multfilmleriň her ýyl ýüzlerçesi köpçülige hödürlenýär. Biz hem gazetimiziň şu sanynda iň köp tomaşa edilen multfilm barada maglumat bermegi makul bildik.**





«SpongeBob Squarepants» dünýäde iň köp tomaşa edilen multfilm bolup, baş gahryman SpongeBob çagalara şatlyk paýlaýan deňiz gupkasy hökmünde suratlandyrylýar. Multfilmiň baş gahrymanyny amerikan ýazyjysy we animatory Stiwen Hillenberg «Intertidal Zone» (Aralyk zolak) atly kitabyndaky Bob Sponge keşbi esasynda döredýär. Ýazyjynyň bu kitaby çagalar üçin niýetlenip, eserde dürli görnüşli deňiz jandarlarynyň özüni alyp barşy barada gyzykly gürrüňler berilýär. 1999-njy ýylda «Kömek islenýär» (Help Wanted) ady bilen ilkinji seriýasy köpçülige hödürlenen bu multfilm häzirki wagtda müňlerçe tomaşaçynyň iň söýgüli animasiýa eserine öwrüldi.

SpongeBob deňziň düýbündäki Bikini Bottom şäheriniň 124-nji Konç köçesinde Gary atly balykgulak bilen bilelikde ananas şekilli jaýda ýaşaýar. Bu köçäniň ugrunda baş gahrymanyň iň ýakyn dosty Patrik bilen Pasha adasyndan gelen Skidwardyň hem öýi bar. Patrigiň daş keşbi deňiz ýyldyzyna, Skidwardyň keşbi bolsa burunlak ýaşuly adama meňzeýär. Patrik gaýanyň aşagynda, Skidward bolsa moai (Pasha adasyndaky äpet daşlar) heýkelinden ýasalan öýde ýaşaýar.

Multfilmde deňiz jandarlaryna gije-gündiz hyzmat edýän «Krusty Krab» restoranyndaky gyzykly wakalar suratlandyrylýar. Bu restoranyň eýesi jenap Krabs (leňňeç) bolup, SpongeBob «Krusty Krab» restoranynda işine ökde aşpez bolup işleýär. Baş gahrymanyň durmuşdaky iň uly arzuwy gaýyk sürmek üçin sürüjilik şahadatnamasyny almak. Şol sebäpli SpongeBob hanym Puffyň gaýyk sürmekligi öwredýän mekdebinde okaýar. Ýöne her gezek synagdan geçmeli bolanynda şowsuzlyga uçraýar. Multfilmde ady agzalan gahrymanlardan başga-da, Sandynyň, Pearlyň, Planktonyň we Kareniň keşpleri arkaly gyzykly wakalar beýan edilýär. Tehasly alym-gözlegçi we oýlap tapyjy Sandy atly gyzjagaz kellesine aýna gümmezli başgaby geýip, suwuň düýbünde barlag işlerini geçirýär. Jenap Krabsyň gyzy Pearl (kit) deňiz kenarlarynda akuladyr kitler bilen gezelenç etmegi gowy görýär. Plankton we Karen atly täjirler jenap Krabsyň restoranynda bişirilýän burgeriň taýýarlanyş düzgünlerini ele salyp, deňizdäki iň gowy restorany özleri üçin açmak isleýärler. Ýöne olaryň etsem-goýsamlary her gezek başa barmaýar.

SpongeBob köplenç çagalyk dosty Patrik bilen meduza tutmak, köpürjik ýarmak ýaly oýunlary oýnaýar. Olaryň şowhunyna kellesi agyrýan Skidward birnäçe gezek rahatlygy saklamagy duýdurýar. Öňki ýagdaýlar gaýtalanyp duransoň, Skidward bu şäherden başga ýere göçüp gitmekçi bolýar. Emma ýene-de yzyna gaýdyp gelýär. SpongeBob alçaklygy, şadyýanlygy bilen daş-töwerege şatlyk paýlap, tomaşaçylaryň hem göwnüni göterýär. Ol häsiýeti boýunça ýumşak, köpçüligiň aladasyny edýän we daş-töweregindäkileri özüne dost hasaplaýan gahryman bolup, multfilmde SpongeBobyň üsti bilen adamkärçilikli, kiçigöwünli, alçak we işeňňir bolmalydygy ündelýär.

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

### «Endişe gazan gaýnatmaz»



Ata-babalarymyzyň durmuşy temada döreden bu nakylynda gaýgy-alada etmegiň adama peýda bermeýändigi barada söz açylýar. Endişe näme? Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde: «Endişe – gaýgy-alada, ünji, alada» diýip düşündiriş berilýär. «Gazan gaýnatmak» bu ýerde degerli bir iş etmek, peýda bermek diýen manyda gelip, gaýgy-aladanyň peýdasynyň ýokdugy aýdylýar. Gaýgy-alada adamy sussupeslige eltýär, kellesine dürli pikirleriň gelmegine sebäp bolýar. Şeýle-de saglyga hem ýaramaz täsirini ýetirýär. Şol sebäpli ata-babalarymyz durmuşda islendik ýagdaýda sabyrly bolmagy, wakanyň anygyna ýetilýänçä garaşmalydygyny, ruhubelent we şähdaçyk bolmagy ündäpdirler. Şeýtmek bilen hem özüň, hem töweregiňdäkileriň rahatlygyny saklap bolýar. Muňa ugurdaş manyda «Müň gaýgy bir iş bitirmez», «Äre gaýgy ýoldaş bolmaz», «Adamy iş garratmaz, gaýgy-alada garradar» ýaly nakyllary mysal getirmek bolar.

## GAÝYBANA SYÝAHAT

### Fransiýanyň Luwr muzeýi

Syýahatçylyk babatda ösen şäherleriň biri bolan Parižde binagärlik gurluşy we sungat özboluşlylygy bilen görenleri haýran edýän Luwr muzeýi ýerleşýär. Dünýäniň iň uly muzeýleriniň biri hasaplanýan «aýnaly piramida» 1793-nji ýylda myhmanlara gapysyny açýar. Seine derýasynyň sag kenarynda, Luwr köşgüniň öňündäki meýdançada bina edilen gadymy muzeýde 35 müňden gowrak sungat eseri köpçülige hödürlenýär.

Ilkibaşda 1190-njy ýylda gala hökmünde gurlan Luwr XVI asyrda köşk bolup hyzmat edýär. Soňlugy bilen muzeýe öwrülen Luwruň tutýan meýdany 60 müň 600 inedördül metre barabar bolup, dürli medeniýete degişli 480 müňden gowrak



ýygyndyny özünde jemleýär. Muzeý müsür, grek, rim medeniýetiniň gadymy nusgalaryny, Gündogaryň sungat eserlerini we yslam medeniýetini, şeýle hem çyzgylardyr neşirleri özünde jemleýän 8 bölümden ybaratdyr. Luwrda saklanýan çeper eserleriň ep-esli bölegini kartinalar emele getirýär. Dünýä belli suratkeşleriň çeken 7500-den gowrak portretleri muzeýiň sungat galereýasynda saklanýar. Olardan italýan suratkeşi Leonardo da Winçiniň Mona Liza bagyşlan portreti has meşhurlyga eýedir. Bu ýerde nusgawy kartinalar bilen birlikde taryhy wakalary suratlandyrýan heýkelleriň hem ýüzlerçesi bar.

**5 sany piramida bar**

Luwruň esasy binasyndaky aýna piramidadan başga-da, onuň daşynda 3 sany kiçijik aýna piramida bar. Şeýle-de muzeýiň «Karrousel du Luwr» galereýasynda aşak bakyp duran 5-nji piramida hem bar. Sungat binasynyň 4 sany girelgesi bolup, muzeýe her gün 15 müň töweregi myhman, her ýyl bolsa 9 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

**Iki sany Luwr muzeýi bar**

Dünýäde Parižüdäki Luwr muzeýinden nusga alnyp gurlan ikinji Luwr muzeýi hem bar. Ol Arap ýarym adasyndaky Abu Dabi şäherinde ýerleşýär. 2017-nji ýylda açylan öýkünme Luwr muzeýi Birleşen Arap Emirlikleriniň esasy syýahatçylyk merkezleriniň biri hasaplanýar. Bu muzeýe her ýyl 1 milliona golaý syýahatçy barýar.



### 7 tapawudy tapyň!





### Ozuň reňkle!



### Labirint



## Bir sözlemde...

Dünýä Kubogyndan soň tälimçisi Roberto Martinesi ugradan Belgiýanyň ýygyndysynyň täze tälimçisi wezipesine 37 ýaşyndaky germaniýaly Domeniko Tedesko bellenilip, ozal «Şalke», «Spartak M», «Leipsig» klublaryna tälim beren hünärmen 2024-nji ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.

Germaniýanyň «Bundesligasynda» 9 oýundan bäri ýeňiş gazanyp bilmän gelýän «Hoffenhaým» topary tälimçisi Andre Braýtenraýteri wezipesinden boşadyp, onuň ornuna amerikaly Pellegrino Matarazzo bellenildi.

Daşary ýurtlarda çykyş edýän braziliýaly futbolçylara berilýän «Altyn samba» baýragyna 2022-nji ýyl üçin bassyr 3-nji, umumylykda 6-njy gezek PSŽ-niň ýyldyzy Neýmar Junior mynasyp boldy.

«Mançester Ýunaýtediň» 29 ýaşyndaky fransiýaly goragçysy Rafael Waran milli ýygyndydaky karýerasyny tamamlandygyny habar berip, ol 93 oýunda 5 gol geçiripdi.

Angliýanyň «Premier Ligasynda» aşaky orunlarda barýan «Lids Ýunaýted» topary amerikaly tälimçisi Jessi Marşy wezipesinden boşatdy.

Fransiýanyň Kubogy ýaryşynda PSŽ topary 1/8 finalynda «Marselden» 2–1 (Sançes 31 p, Malinowski 57 – Ramos 45+2) hasabynda asgyn gelip, bassyr 6 ýyldan bäri gazanyp gelýän kubok ýaryşynda yzly-yzyna 2-nji sapar çärýek finala çykyp bilmedi.

# HYÝALY TÄLIMÇILIKDEN HAKYKY HÜNÄRMENLIGE

Häzirki döwrüň tanymal tälimçileri ýaşlykdan bu işe baş goşandyklary bilen meşhurlyga eýedir. Ýaş hasaplanýan ýaşlarda eginlerine sport eşiklerini geýen Žoze Mourinio, Andre Willaş-Boaş, Diego Simeone, Zinedin Zidan, Ýosep Guardiola, Ýurgen Klopp, Frank Riýkaard, Antonio Konte... ýaly özüni tanadan hünärmenler 33–36 ýaşlarynda tälimçi bolupdylar. Birem 30 ýaşa ýetmänkä tälimçi bo-



lanlar hem bolup, olaryň iň meşhury germaniýaly Ýulian Nagelsmanndyr. 29 ýaşynda «Hoffenhaým» toparyna tälim berip başlan Nagelsmann gysga wagtda özüni görkezip, «RB Leipsigiň» tälimçisi bolýar. Onuň bu iki klubda görkezen başarnygy ony nemes futbolynyň lokomotiwi «Bawariýanyň» baş tälimçiligine çenli eltýär. Edil Nagelsmann ýaly tanalmaýan hem bolsa (häzirlikçe) ýene bir 30 ýaşdan öň tälimçilige gadam basan ýaş hünärmen bolup, ol şu günlerde köpleriň ünsüni özüne çekýär. William Still atly bu ýaş hünärmene futbolçylyk ýyllarynda 4-nji ligadan ýokary galmak başartmandy. Ýöne muňa garamazdan, futbol baradaky maglumatlaryny, tälimçilik ukybyny dünýä belli «Football Manager» hem-de «Championship Manager» strategik kompýuter oýunlary bilen baýlaşdyryp, 17 ýaşynda tälimçi bolmagy ýüregine düwýär.

Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1» PSŽ we beýlekiler diýlip iki topara bölünýär. 2012-nji ýylda katarly işewürler tarapyndan satyn alnan PSŽ arasynda käwagt büdräýmese şondan bäri çempionatyň ýeke-täk hojaýyny. Messi, Neýmar, Mbappe ýaly super ýyldyzlary özünde jemleýän PSŽ-niň esasy keşpde çykyş edýän çempionatynda kömekçi keşpleriň birini ýerine ýetirýän klublaryň arasynda «Reýms» topary hem bar. Ine, şol toparyň tälimçisi-de William Still bolup, onuň bu wezipä bellenenine köp wagt geçmedi.

William Still 1992-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Belgiýanyň Bren-l'Alle şäherinde iňlis maşgalasynda dünýä inýär. Onuň futbola bolan gyzyklanmasy çagalykdan başlasa-da, höwesjeňlikden ýokary bolmaýar, ýagny professionallyga ýetip bilmeýär. Ýöne onuň başga ökde ugry bardy. Ol hem «Football Manager» we «Championship Manager» kompýuter oýunlarydy. 17 ýaşyna ýetende-de, tälimçiligini hyýaly atmosferadan hakyky dünýäde dowam etdirmegi ýüregine düwýär. Angliýanyň Preston şäherinde tälimçilik kursuna gatnaýar. Şol şäheriň meşhur klublaryndan «Preston Nort End» toparynyň U-14 düzüminde tälimçiniň kömekçisi bolup, tälimçilik dünýäsine ilkinji ädimini ädýär. 2014-nji ýylda Belgiýanyň «Sint-Truiden» klubunyň wideo analizçisi bolýar. Ol ýazgyda tomaşa eden futbol oýunlaryndaky analizleri bilen tälimçi Ýannik Ferreranyň hem alkyşyny alýar. Still özüniň analizleri bilen «Sint-Truiden» toparynyň ýokary liga çykmagynda uly rol oýnaýar. Bu işini «Standard Liežde», 2017-nji ýylda-da «Liers» toparynda dowam etdirýär. Ol 2017-nji ýylyň 18-nji oktýabry – 2-nji dekabry aralygynda «Liers» toparynyň wagtlaýynça tälimçisi bolýar. Still şol 8 hepdede 8 duşuşygyň 7-sin-



de ýeňiş gazanmagy başarýar. Onuň 2-nji tälimçilik synagy-da Belgiýanyň «Beershot» toparynda bolup, ol bu klubda ilki 3 ýyllap tälimçiniň kömekçisi bolup işleýär. 2021-nji ýylyň ýanwarynda-da «Beershot» toparynyň baş tälimçiligine bellenilýär. 6 aýlap dowam eden bu 2-nji baş tälimçilik döwründe 15 oýunda 6 ýeňiş gazanýar. 2 oýunda deňme-deň oýnap, 7 duşuşykda-da asgyn gelýär. Möwsümiň ahyrynda-da klub aşaky liga düşýär we Still wezipesini taşlaýar.

2022-nji ýylyň iýul aýynda William Stilliň durmuşynda täze sahypa açylýar. Ol «Ligue 1»-iň wekillerinden «Stad de Reýms» klubunda tälimçi Oskar Garsiýanyň kömekçisi wezipesine bellenilýär. Ýöne Garsiýanyň tälimçiligindäki klub möwsüme şowly başlap bilmeýär. 10-njy tapgyrdan soň Oskar Garsiýa wezipesinden boşadylýar. Garsiýa 10 oýunda 1 gezek ýeňiş gazanyp, 4 duşuşykda-da ýeňlişe sezewar bolýar (5 deňme-deňlik). Klubuň ýolbaşçylary tälimçiligi William Stille tabşyrýarlar.

1910-njy ýylda «Societe sportive du Parc Pommery» ady bilen düýbi tutulan klub 1931-nji ýylda «Stad de Reýms» adyny alyp, täzeden esaslandyrylýar. Klubuň taryhynda 6 çempionlyk bolup, 2 gezek hem kubok ýaryşynda ýeňiş gazanýar. Ilkinji çempionlygyny 1948/49, soňky çempionlygyny-da 1961/62 möwsüminde gazanan toparyň taryhynda UEFA-nyň 1-nji derejeli klub ýaryşynda, ýagny häzirki Çempionlar Ligasynda 2 final duşuşygy hem bar. 1956-njy we 1959-njy ýyllardaky finallaryň ikisinde-de «Real Madridden» ýeňlen «Reýms» topary 2000-nji ýyldan soň 3-nji liga çenli düşýär. Soňky 5 ýyldan bäri «Ligue 1»-de çykyş edip gelýän «Reýms» möwsümi ortatap ýagdaýda tamamlaýar. 2019/20 möwsümini 6-njy orunda tamamlap, Ýewropa Ligasynyň saýlama tapgyryna gatnaşýar.

«Reýms» topary William Stilliň tälimçiliginde çempionatda 12 oýundan bäri ýeke gezek hem ýe-



ňilmän gelýär. Klub 12 oýunda 5 gezek ýeňiş gazanyp, 7 duşuşykda-da deňme-deň oýnaýar. Şol duşuşyklaryň biri-de PSŽ bilen geçirilen oýundy. Bu oýunda «Reýms» topary myhmançylykda Folarin Balogunyň 90+6-njy minutdaky goly bilen ýeňlişden halas bolup, Parižden 1 utuk bilen dolanýar. Klub 10-njy orna çenli beýgelýär. Kubok ýaryşynda-da 1/8 finala çykan «Reýms» topary ýaş tälimçisiniň ýolbaşçylygynda geçiren 14 duşuşygynda ýeke gezek hem utulmaýar. 30 ýaşyndaky tälimçiniň klubdaky iň esasy bil baglaýan ýyldyzy Folarin Balogun bolup, ol toparynyň «Loriýan» bilen geçiren duşuşygynda het-trik edýär. Balogun 14 gol geçirip, Mbappe, Messi, Neýmar, Ben Ýedder ýaly ýyldyzlardan öňe saýlanyp, iň köp gol geçirenleriň sanawynyň başyny çekýär. Häzirki wagtda Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatyndaky iň ýaş tälimçi bolan William Stilliň bu şowly çykyşy dowam etse, ony has ulurak klublarda-da görmek hiç kimi geň galdyrmaz.

# Finalda «Real Madrid» bilen «Al-Hilal» duşuşar

Marokkoda geçirilýän 19-njy FIFA Klublararasy Dünýä Kubogynda finala çykan toparlar belli boldy. Yklymlaryň Çempionlar Ligasynyň çempionlarynyň ýaryşynda ýarym finalda Braziliýanyň «Flamengo» topary bilen Saud Arabystanynyň «Al-Hilal» topary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda arap kluby 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň 4-nji minutynda penaltini dürs uran S. Al-Dawsari araplary öňe çykardy. 20-nji minutda Pedro hasaby deňlese-de, 45+9-njy minutda ýene penaltiden tapawutlanan S. Al-Dawsari hasaby 2–1-e ýetirdi. 70-nji minutda Wiettonyň golundan soň aratapawut 2-ä çykdy. 90+1-nji minutda Pedronyň goly brazil klubuna ýeňiş üçin ýeterlik bolmady.

Beýleki ýarym finalda Ispaniýanyň «Real Madrid» toparyna Müsüriň «Al Ahli» toparyndan üstün çykmak kyn düşmedi. 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madridiň» gollaryny 42-nji minutda Winisius Junior, 46-njy minutda Federiko Walwerde, 90+2-nji minutda Rodrigo, 90+8-nji minutda-da Arribas derwezä girizdi. Soňky 2 goluň pasyny Seballosyň berendigini hem belläliň. «Al Ahliniň» ýeke-täk goluny bolsa 65-nji minutda penaltiden Ali Maalul öz adyna ýazdyrdy.

Şunlukda, 11-nji fewralda (ýekşenbe güni) oýnaljak finalda «Real Madrid» bilen «Al-Hilal» duşuşar. Aşgabat wagty bilen 00:00-da başlanjak oýun paýtagt Rabatdaky Şazada Mulaý





Abdellahyň adyny göterýän 60 müň orunlyk stadionda oýnalar. «Real Madrid» bu ýaryşda 5-nji gezek finala çykan bolsa, «Al-Hilal» ilkinji sapar kuboga ymtylýar. «Al-Hilal» Ýaponiýanyň «Kaşima Antlers» hem-de BAE-niň «Al-Ain» toparlaryndan soň finala çykan 3-nji Aziýa wekili boldy. «Real Madrid» mundan öňki 4 finalynyň 2-sinde şol Aziýa klublaryny ýeňipdi.

1-nji fewralda Marokkoda badalga alan ýaryşyň 1-nji tapgyrynda «Al Ahli» Täze Zelandiýanyň «Oklend Siti» toparyndan 3–0, 2-nji tapgyrda-da ABŞ-nyň «Seattl Saunders» klubundan 1–0 üstün çykypdy. 2-nji tapgyrdan ýaryşa başlan «Al-Hilal» Marokkonyň «Widad Kazablanka» toparyny penaltileriň netijesinde ýeňlişe sezewar edipdi (1–1, 5–3 p).



# ÇEMPIONLAR LIGASYNDA UTULAN-ÇYKDY TAPGYRY BAŞLANÝAR

**UEFA-nyň iň uly klub ýaryşy bolan Çempionlar Ligasynyň 3,5 aýa golaý arakesmesi tamamlanar. Geljek hepdäniň sişenbe güni, ýagny 14-nji fewralda 2 duşuşyk bilen UEFA Çempionlar Ligasynyň 1/8 finalyna badalga berler. 1/8 finalyň ilkinji 2 duşuşygynda «Milan» Italiýada «Tottenhamy», PSŽ bolsa «Bawariýany» kabul eder.**

**«Milan» bilen «Tottenham» UEFA-nyň ýaryşlarynda 3-nji gezek duşuşar. Mundan öňki 2 oýunda «Tottenham» 1–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, beýleki duşuşyk hem golsuz tamamlanypdy. Wagtyndan öňki final hasaplanýan PSŽ bilen «Bawariýanyň» duşuşygy-da şol günüň esasy oýny bolar. Iki topar mundan ozal 11 gezek duşuşyp, PSŽ 6, «Bawariýa» 5 gezek ýeňiş gazandy. Iki topar hem 15 gol geçirdi.**

**Çarşenbe günki, ýagny 15-nji fewraldaky duşuşyklarda-da «Borussiýa Dortmund» bilen «Çelsi» hem-de «Klub Brýugge» bilen «Benfika» özara güýç synanyşar. Şol günki oýunlar toparlaryň öz aralaryndaky ilkinji resmi duşuşyklar bolar.**

**1/8 finalyň galan 4 duşuşygy-da soňky hepdäniň sişenbe we çarşenbe günleri oýnalar. 21-nji fewralda başga bir wagtyndan irki final hasaplanýan duşuşykda «Liwerpul» topary «Real Madridi» kabul eder. Şeýle-de, «Aýntraht» bilenem «Napoli» çärýek finala çykmak üçin göreşer. Geçen ýylyň finalynda duşuşan «Liwerpul» bilen «Real Madrid» 10-njy gezek meýdança çykarlar. Ozalky 9 oýunda «Real» 5, «Liwerpul» 3 gezek ýeňiş gazandy (1 oýun deňlik). Ispan kluby 11 gol geçirip, 8 gol geçirtdi. «Aýntraht» bilen «Napoliniň» arasyndaky öňki 2 oýunda nemes kluby 1–0 hasaplar bilen ýeňiş gazandy.**

**22-nji fewralda-da «Leipsig» bilen «Mançester Siti» hem-de «Inter» bilenem «Porto» 1/8 finalyň 1-nji oýunlaryny geçirerler. «Leipsig» bilen «Mançester Siti» mundan öň hersi 1 gezek ýeňiş gazandy. Çekeleşikli geçen şol 2 oýunda «Siti» 7, «Leipsig» 5 gol geçiripdi. 22-nji fewraldaky «Inter»–«Porto» duşuşygy 2 klubuň arasyndaky 5-nji oýun bolar. Öňki 4 oýunda «Inter» 2, «Porto» 1 gezek ýeňiş gazandy. Bu duşuşyklaryň jogap oýunlary 7–8-nji hem-de 4–15-nji martda geçiriler.**

## ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:

***10-njy fewral:*** Milan – Torino (00:45)

***11-nji fewral:*** West Ham – Çelsi (17:30), Werder – Borussiýa D (19:30), Bawariýa – Bohum (19:30), Arsenal – Brentford (20:00), Lester – Tottenham (20:00), Monako – PSŽ (21:00), **Leipsig – Union Berlin (22:30), Lasio – Atalanta (00:45)**

***12-nji fewral:*** Lids – M.Ýunaýted (19:00), Man. Siti – A. Willa (21:30), Ýuwentus – Fiorentina (22:00), **Sporting – Porto (23:00)**, Napoli – Kremoneze (00:45), Wilýarreal – Barselona (01:00)

***13-nji fewral:*** Sampdoriýa – Inter (00:45), Liwerpul – Ewerton (01:00)

***15-nji fewral:*** **Arsenal – Man. Siti (00:30)**, Real Madrid – Elçe (01:00)

# NBA-nyň IŇ KÖP UTUK GEÇIREN BASKETBOLÇYSY

NBA-nyň super ýyldyzy LeBron Jeýms taryhy rekordy täzeledi. Ol indi NBA-nyň taryhyndaky iň köp utuk geçiren basketbolçy boldy. Jeýms bu ugurda rowaýaty Karim Abdul-Jabbaryň rekordyny täzelemegi başardy. «LA Leýkersiň» ýyldyzy toparynyň «Oklahoma Siti Tander» bilen öz meýdançasynda geçiren duşuşygynyň 3-nji periodynyň tamamlanmagyna 10,9 sekunt galanda, 33 müň 388-nji utugyny geçirdi we Karim Abdul-Jabbaryň (33 müň 387) 39 ýyllyk rekordyny täzeledi. Şol pursatda duşuşyk saklanyp (adatça NBA-da rekordlar täzelenende duşuşyklar togtadylýar), Karim Abdul-Jabbar oňa simwolik ýagdaýda basketbol topuny berdi. Taryhy pursatda maşgalasy bilen begenç gözýaşlaryny döken LeBron Jeýms öz hossarlary, şol sanda Karim Abdul-Jabbar bilen ýadygärlik surata düşdi. Duşuşygy 38 utuk bilen tamamlan LeBron Jeýmsiň bu rekordy (33 müň 390) toparynyň ýeňlişiniň öňüni alyp bilmedi. Duşuşyk «Oklahoma Siti Tander» 133:130 üstünligi bilen tamamlandy.





### PREMIER LEAGUE (22) – 21 gol

**Çelsi—Fulham: 0–0, Ewerton—Arsenal: 1–0** (Tarkowski 60), **Aston Willa—Lester: 2–4** (Watkins 9, Suttar 32 — Meddison 12, Iheanaço 41, Tete 45+2, Prat 79), **Brentford—Southempton: 3–0** (Mi 41, Mbeumo 44, Ýensen 80), **Braýton—Bornmut: 1–0** (Mitoma 87), **Man. Ýunaýted—K. Palas: 2–1** (B. Fernandeş 7 p, Reşford 65 — Şlupp 76), **Wulwerhermpton—Liwerpul: 3–0** (Matip 5 ö.d., Dowson 12, Neweş 71), **Nýukasl—West Ham: 1–1** (Wilson 8 — Paketa 32), **Nottingam—Lids: 1–0** (Jonson 14), **Tottenham—Man. Siti: 1–0** (Keýn 15)

### LA LIGA (20) – 28 gol

**Atletik—Kadis: 4–1** (Sanset 10, 35, 75, Ýeraý 44 — Eskalante 25), **Espanýol—Osasuna: 1–1** (Braýtweýt 59 — Budimir 45), **Elçe—Wilýarreal: 3–1** (Milýa 3, 45+3 p, 52 — Moreno 22), **Atletiko—Hetafe: 1–1** (Korrea 60 — Ünal 83 p), **Betis—Selta: 3–4** (Huanmi 9, Kanales 23, Fekir 84 p — Strand Larsen 6, Weýga 42, 56, Aýdu 69), **Malýorka—Real Madrid: 1–0** (Naço 13 ö.d.), **Žirona—Walensiýa: 1–0** (Borha Garsiýa 63), **Real Sosiedad—Walýadolid: 0–1** (Larin 73), **Barselona—Sewilýa: 3–0** (Alba 18, Gawi 70, Rafinýa 79), **Raýo Wallekano—Almeriýa: 2–0** (Eli 54 ö.d., Alwaro Garsiýa 63)

### SERIE A (21) – 22 gol

**Kremoneze—Leççe: 0–2** (Baskirotto 58, Strefessa 69), **Roma—Empoli: 2–0** (Ibanýes 2, Abraham 6), **Sassuolo—Atalanta: 1–0** (Loriýan 55), **Spesiýa—Napoli: 0–3** (Kwarasheliýa 47 p, Osimhen 68, 74), **Torino—Udineze: 1–0** (Karamo 49), **Fiorentina—Bolonýa: 1–2** (Saponaro 19 — Orsolini 14 p, Poş 47), **Inter—Milan: 1–0** (Martines 34), **Werona—Lasio: 1–1** (Ngong 51 — Pedro 45), **Monza—Sampdoriýa: 2–2** (Petanýa 32, Pessina 90+9 p — Gabbiadini 12, 58), **Salernitana—Ýuwentus: 0–3** (Wlahowiç 26 p, 47, Kostiç 45)

### LIGUE 1 (22) – 23 gol

**PSŽ—Tuluza: 2–1** (Hakimi 38, Messi 58 — Wan den Bumen 20), **Trua—Lion: 1–3** (Roni Lopeş 62 — Barkola 43, Şerki 59, Lakazett 90+3), **Renn—Lill: 1–3** (Guiri 1 — Žegrowa 59, Kabella 86, Andre Gomeş 90+4), **Klermon—Monako: 0–2** (Maripan 3, Embolo 13), **Aýaçço—Nant: 0–2** (Gessand 64, Blas 89 p), **Oser—Reýms: 0–0, Loriýa—Anže: 0–0, Strasbur—Monpelie: 2–0** (Diallo 1, 45), **Brest—Lans: 1–1** (Le Duaron 54 — Gradit 83), **Marsel—Nissa: 1–3** (Malinowski 60 — Diop 38, Lýabord 44, Braimi 85)

### BUNDESLIGA (19) – 28 gol

**Augsburg—Baýer: 1–0** (Berişa 55), **Union Berlin—Maýns: 2–1** (Berens 32, Sibaço 84 — Ingwartsen 79 p), **Köln—Leipsig: 0–0, Aýntraht—Herta: 3–0** (Kolo Muani 21 p, 28, Buta 90+4), **Borussiýa M—Şalke: 0–0, Borussiýa D—Fraýburg: 5–1** (Şlotterbek 26, Adeýemi 48, Haller 51, Brandt 69, Reýna 82 — Hýoler 45), **Bohum—Hoffenhaým: 5–2** (Hofmann 22, Förster 30, Asano 40, Maşowiç 69, Broşinski 83 — Baumgertner 49, Dabbur 77), **Şutgart—Werder: 0–2** (Stage 59, Dukş 77), **Wolfsburg—Bawariýa: 2–4** (Kaminski 44, Swanberg 81 — Koman 9, 14, Müller 19, Musiala 73)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 20 | 16 | 2 | 2 | 45-17 | 50 |
| 2 | MAN. SITI | 21 | 14 | 3 | 4 | 53-21 | 45 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 22 | 13 | 4 | 5 | 36-28 | 43 |
| 4 | NÝUKASL | 21 | 10 | 10 | 1 | 34-12 | 40 |
| 5 | TOTTENHAM | 22 | 12 | 3 | 7 | 41-31 | 39 |
| 6 | BRAÝTON | 20 | 10 | 4 | 6 | 38-27 | 34 |
| 7 | BRENTFORD | 21 | 8 | 9 | 4 | 35-28 | 33 |
| 8 | FULHAM | 22 | 9 | 5 | 8 | 32-30 | 32 |
| 9 | ÇELSI | 21 | 8 | 6 | 7 | 22-21 | 30 |
| 10 | LIWERPUL | 20 | 8 | 5 | 7 | 34-28 | 29 |
| 11 | ASTON WILLA | 21 | 8 | 4 | 9 | 25-31 | 28 |
| 12 | K. PALAS | 21 | 6 | 6 | 9 | 19-29 | 24 |
| 13 | NOTTINGAM | 21 | 6 | 6 | 9 | 17-35 | 24 |
| 14 | LESTER | 21 | 6 | 3 | 12 | 32-37 | 21 |
| 15 | W. HEMPTON | 21 | 5 | 5 | 11 | 15-30 | 20 |
| 16 | LIDS | 21 | 4 | 7 | 10 | 28-36 | 19 |
| 17 | WEST HAM | 21 | 5 | 4 | 12 | 18-26 | 19 |
| 18 | EWERTON | 21 | 4 | 6 | 11 | 16-28 | 18 |
| 19 | BORNMUT | 21 | 4 | 5 | 12 | 19-43 | 17 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 21 | 4 | 3 | 14 | 17-38 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 25 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 17 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 13 |
| 4 | Aleksandar MITROWIÇ (Fulham) | 11 |
| 5 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 11 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 20 | 17 | 2 | 1 | 42-7 | 53 |
| 2 | REAL MADRID | 20 | 14 | 3 | 3 | 40-17 | 45 |
| 3 | R. SOSIEDAD | 20 | 12 | 3 | 5 | 28-19 | 39 |
| 4 | ATLETIKO | 20 | 10 | 5 | 5 | 29-17 | 35 |
| 5 | R. WALLEKANO | 20 | 9 | 5 | 6 | 27-22 | 32 |
| 6 | BETIS | 20 | 9 | 4 | 7 | 24-20 | 31 |
| 7 | WILÝARREAL | 20 | 9 | 4 | 7 | 22-17 | 31 |
| 8 | ATLETIK B | 20 | 8 | 5 | 7 | 29-21 | 29 |
| 9 | OSASUNA | 20 | 8 | 5 | 7 | 19-19 | 29 |
| 10 | MALÝORKA | 20 | 8 | 4 | 8 | 16-18 | 28 |
| 11 | ŽIRONA | 20 | 6 | 6 | 8 | 27-29 | 24 |
| 12 | WALÝADOLID | 20 | 7 | 2 | 11 | 15-28 | 23 |
| 13 | SELTA | 20 | 6 | 5 | 9 | 22-32 | 23 |
| 14 | ALMERIÝA | 20 | 6 | 4 | 10 | 23-31 | 22 |
| 15 | SEWILÝA | 20 | 5 | 6 | 9 | 21-29 | 21 |
| 16 | ESPANÝOL | 20 | 4 | 9 | 7 | 24-30 | 21 |
| 17 | WALENSIÝA | 20 | 5 | 5 | 10 | 25-24 | 20 |
| 18 | KADIZ | 20 | 4 | 7 | 9 | 15-33 | 19 |
| 19 | HETAFE | 20 | 4 | 6 | 10 | 17-27 | 18 |
| 20 | ELÇE | 20 | 1 | 6 | 13 | 15-40 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 14 |
| 2 | HOSELU (Espanýol) | 11 |
| 3 | Borha IGLESIAS (Betis) | 9 |
| 4 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 9 |
| 5 | Ýago ASPAS (Selta) | 9 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 21 | 18 | 2 | 1 | 51-15 | 56 |
| 2 | INTER | 21 | 14 | 1 | 6 | 41-26 | 43 |
| 3 | ROMA | 21 | 12 | 4 | 5 | 28-18 | 40 |
| 4 | LASIO | 21 | 11 | 6 | 4 | 37-17 | 39 |
| 5 | ATALANTA | 21 | 11 | 5 | 5 | 39-24 | 38 |
| 6 | MILAN | 21 | 11 | 5 | 5 | 37-30 | 38 |
| 7 | TORINO | 21 | 8 | 6 | 7 | 22-22 | 30 |
| 8 | BOLONÝA | 21 | 8 | 5 | 8 | 28-31 | 29 |
| 9 | UDINEZE | 21 | 7 | 8 | 6 | 28-23 | 29 |
| 10 | ÝUWENTUS | 21 | 12 | 5 | 4 | 33-17 | 26 |
| 11 | MONZA | 21 | 7 | 5 | 9 | 27-30 | 26 |
| 12 | EMPOLI | 21 | 6 | 8 | 7 | 19-26 | 26 |
| 13 | FIORENTINA | 21 | 6 | 6 | 9 | 23-28 | 24 |
| 14 | SASSUOLO | 21 | 6 | 5 | 10 | 24-31 | 23 |
| 15 | LEÇÇE | 21 | 5 | 8 | 8 | 21-24 | 23 |
| 16 | SALERNITANA | 21 | 5 | 6 | 10 | 25-41 | 21 |
| 17 | SPESIÝA | 21 | 4 | 6 | 11 | 17-35 | 18 |
| 18 | WERONA | 21 | 3 | 5 | 13 | 19-33 | 14 |
| 19 | SAMPDORIÝA | 21 | 2 | 4 | 15 | 10-36 | 10 |
| 20 | KREMONEZE | 21 | 0 | 8 | 13 | 15-37 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 16 |
| 2 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 12 |
| 3 | Lautara MARTINES (Inter) | 12 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 9 |
| 5 | Bulaýe DIA (Sampdoriýa) | 8 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 22 | 17 | 3 | 2 | 54-17 | 54 |
| 2 | MARSEL | 22 | 14 | 4 | 4 | 43-20 | 46 |
| 3 | LANS | 22 | 13 | 7 | 2 | 34-16 | 46 |
| 4 | MONAKO | 22 | 13 | 5 | 4 | 48-29 | 44 |
| 5 | RENN | 22 | 12 | 4 | 6 | 41-25 | 40 |
| 6 | LILL | 22 | 11 | 5 | 6 | 38-27 | 38 |
| 7 | LORIÝAN | 22 | 10 | 6 | 6 | 35-34 | 36 |
| 8 | NISSA | 22 | 9 | 7 | 6 | 27-21 | 34 |
| 9 | LION | 22 | 9 | 5 | 8 | 33-24 | 32 |
| 10 | REÝMS | 22 | 6 | 12 | 4 | 26-26 | 30 |
| 11 | KLERMON | 22 | 8 | 6 | 8 | 24-29 | 30 |
| 12 | TULUZA | 22 | 8 | 5 | 9 | 36-38 | 29 |
| 13 | NANT | 22 | 5 | 10 | 7 | 23-26 | 25 |
| 14 | BREST | 22 | 4 | 8 | 10 | 24-35 | 20 |
| 15 | MONPELIE | 22 | 6 | 2 | 14 | 31-45 | 20 |
| 16 | TRUA | 22 | 4 | 7 | 11 | 33-48 | 19 |
| 17 | STRASBUR | 22 | 3 | 9 | 10 | 27-39 | 18 |
| 18 | AÝAÇÇO | 22 | 5 | 3 | 14 | 18-39 | 18 |
| 19 | OSER | 22 | 3 | 5 | 14 | 18-46 | 14 |
| 20 | ANŽE | 22 | 2 | 3 | 17 | 18-47 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 14 |
| 2 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 13 |
| 3 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 12 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 12 |
| 5 | NEÝMAR (PSŽ) | 12 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 19 | 11 | 7 | 1 | 56-18 | 40 |
| 2 | UNION BERLIN | 19 | 12 | 3 | 4 | 33-23 | 39 |
| 3 | BORUSSIÝA D | 19 | 12 | 1 | 6 | 38-26 | 37 |
| 4 | LEIPSIG | 19 | 10 | 6 | 3 | 39-24 | 36 |
| 5 | AÝNTRAHT | 19 | 10 | 5 | 4 | 40-26 | 35 |
| 6 | FRAÝBURG | 19 | 10 | 4 | 5 | 30-30 | 34 |
| 7 | WOLFSBURG | 19 | 8 | 5 | 6 | 38-26 | 29 |
| 8 | WERDER | 19 | 8 | 3 | 8 | 31-37 | 27 |
| 9 | BORUSSIÝA M | 19 | 7 | 5 | 7 | 34-29 | 26 |
| 10 | BAÝER | 19 | 7 | 3 | 9 | 30-31 | 24 |
| 11 | KÖLN | 19 | 5 | 8 | 6 | 29-31 | 23 |
| 12 | MAÝNS | 19 | 6 | 5 | 8 | 27-31 | 23 |
| 13 | AUGSBURG | 19 | 6 | 3 | 10 | 24-33 | 21 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 19 | 5 | 4 | 10 | 28-36 | 19 |
| 15 | BOHUM | 19 | 6 | 1 | 12 | 24-46 | 19 |
| 16 | ŞTUTGART | 19 | 3 | 7 | 9 | 22-34 | 16 |
| 17 | HERTA | 19 | 3 | 5 | 11 | 20-35 | 14 |
| 18 | ŞALKE | 19 | 2 | 5 | 12 | 14-41 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 13 |
| 2 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 12 |
| 3 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 10 |
| 4 | Jamal MUSIALA (Borussiýa D) | 9 |
| 5 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 9 |

# HEM «ARSENAL», HEM-DE «MANÇESTER SITI» UTULDY

Angliýanyň «Premier Ligasynda» 22-nji tapgyryň duşuşyklary geçirilip, çempionlyk ugrunda öňde barýan iki klub hem ýeňlişe sezewar boldy. Sanawyň lideri «Arsenal» myhmançylykda Frank Lampardyň ornuna Şon Deýçi tälimçilige bellän «Ewertondan» 1–0 asgyn ge-



lip (Tarkowski 60), çempionatda 13 oýundan soň utuldy. Bu topçularyň şu möwsümdäki 2-nji ýeňlişi boldy. «Arsenaldan» 5 utuk yzda barýan soňky çempion «Mançester Siti» bu pursatdan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. Guardiolanyň şägirtleri Londonda «Arsenalyň» köne bäsdeşi «Tottenham» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Tottenham» Harri Keýniň 15-nji minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy. Keýn «Premier Ligadaky» 200-nji goluny geçirip, ol Alan Şirerden (260) hem-de Weýn Runiden (208) soň bu ugurda 3-nji ýerde barýar. Şeýle-de, bu gol Keýniň «Tottenhamdaky» 267-nji goly bolup, ol klubuň iň köp gol geçiren futbolçysy rekordyny Jimmi Griwezden aldy. «Mançester Siti» topary «Tottenhamyň» täze stadionda oýnan 5-nji duşuşygynda gol geçirmezden ýeňlişe sezewar boldy.

**Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada»** 20-nji tapgyrda sanawyň lideri «Barselona» öz meýdançasynda «Sewilýany» 3–0 hasabynda ýeňdi. Katalonlara ýeňiş getiren gollary Ýordi Alba (18), Gawi (70) hem-de Rafinýa (79) geçirdi. «Barselona» topary şu möwsümde çempionatda 20 duşuşygyň 15-sinde gol geçirtmedi. Soňky çempion «Real Madrid» bolsa myhmançylykda «Malýorkadan» 1–0 asgyn geldi. Ýer eýelerine 3 utuk gazandyran ýeke-täk goly 13-nji minutda Naço öz derwezesinden girizdi. Oýnuň 60-njy minutynda Asensio penalti urgusyny dürs urup bilmedi. Bu netijelerden soň iki klubuň arasyndaky utuk aratapawudy 8-e çykdy. Bu tapgyrda 2 futbolçy het-trik edip, «Atletik Bilbaonyň» «Kadisi» 4–1 ýeňen oýnunda Sanset 3 gezek tapawutlandy. Şeýle-de, şu tapgyra çenli bir gezek ýeňiş gazanyp görmedik «Elçe» hem ilkinji ýeňşini gazandy. Öz meýdançasynda «Wilýarrealy» 3–1 ýeňen «Elçeniň» gollarynyň 3-sini hem Milýa geçirdi.

**Germaniýanyň çempionaty «Bundesligada»** 19-njy tapgyrda sanawyň lideri «Bawariýa» ahyry ýeňiş gazandy. 3 tapgyry deňlikde tamamlan (1–1) münhenliler myhmançylykda «Wolfsburg» toparyndan 4–2 hasabynda üstün çykdy. «Bawariýa» ýeňiş getiren gollary Koman (2), Müller hem-de Musiala geçirdi. Şeýle-de, Dortmundyň «Borussiýasy» öz meýdançasynda «Fraýburgy» 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Leipsigiň» utuk ýitiren tapgyrynda «Union Berlin» öz meýdançasynda «Maýnsy» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar edip, çempionlyk ugrundaky göreşini dowam etdirdi.

**Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da** tapgyryň merkezi oýnunda Milan derbisinde «Inter» soňky çempion «Milany» Lautara Martinesiň 34-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Kem-kemden çempionlyga barýan «Napoli» bolsa ýaş ýyldyzlary Kwarasheliýa hem-de Osimheniň (2) gollary bilen myhmançylykda «Spesiýadan» 3–0 üstün çykdy. «Romanyň» «Empolini» 2–0 ýeňen tapgyrynda «Ýuwentus» myhmançylykda «Salernitananyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Duşuşykda «Ýuwentusyň» serbiýaly hüjümçisi 2 gezek tapawutlanyp, «Serie A»-da 115 günden soň gol geçirdi.

**Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-de** PSŽ öz meýdançasynda «Tuluzany» kabul edip, garşydaşynyň 1–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, Hakimi we Messiniň gollary esasynda 2–1 ýeňmegi başardy. «Marsel» bolsa öz meýdançasynda «Nissadan» 3-1 hasabynda asgyn geldi.







Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.















# UEFA Çempionlar Ligasynyň het-trikleri

**UEFA-nyň iň uly klub ýaryşy 1992-nji ýyldan bäri UEFA Çempionlar Ligasy diýen at bilen geçirilip gelinýär. Ozalky ady Ýewropanyň Çempion Klublarynyň Kubogy bolan bu ýaryşda 1992-nji ýyldan bäri 100 futbolça het-trik etmek başartdy. Ýagny UEFA Çempionlar Ligasynda 1 duşuşykda 3 gezek tapawutlanan futbolçylaryň sany 100-e ýetdi. Biz hem size UEFA Çempionlar Ligasynyň 31-nji möwsüminiň pleý-off duşuşyklarynyň öňüsyrasynda futbol janköýerlerine bu iň arzyly ýaryşyň het-trikleri barada maglumat bermegi makul bildik.**

### IŇ ÇALT HET-TRIK EDENLER

● Ýokarda-da belleýşimiz ýaly, UEFA Çempionlar Ligasynda şu wagta çenli 100 futbolçy het-trik etdi. Şol 100-nji futbolçy-da «Liwerpulyň» müsürli ýyldyzy Mohamed Salah bolup, ol toparynyň myhmançylykda «Reýnjersden» 7–1 hasabynda üstün çykan duşuşygynda sähelçe salymda 3 gezek tapawutlanypdy. Mälim bolşy ýaly, toparçadaky bu duşuşykda Ýurgen Klopp oýnuň 68-nji minutynda Mohamed Salahy meýdança girizýär. Müsürli ýyldyz hem gireninden 8 minut soň duşuşykdaky 1-nji goluny, bu goldan 4 minut soň 2-nji, 1 minut soňam 3-nji goluny geçirýär (76, 80, 81). 6 minut 12 sekuntda 3 gol geçiren Salah, Çempionlar Ligasynda iň çalt het-trik eden futbolçy rekordyny täzeleýär. Ozalky rekord fransiýaly hüjümçi Bafetimbi Gomise degişli bolup, «lionly» futbolçy 2011-nji ýylda «Dinamo Zagrebiň» derwezesinden 8 minutda 3 gol geçiripdi.

- 7 minut — Mohamed Salah (Reýnjers—Liwerpul: 1–7; 12.10.2022)
- 8 minut — Bafetimbi Gomis (Dinamo Zagreb—Lion: 1–7; 07.12.2011)
- 9 minut — Maýk Newell (Blekbörn—Rosenborg: 4–1; 06.12.1995)
- 11 minut — Rahim Sterling (Man. Siti—Atalanta: 5–1; 22.10.2019)
- 11 minut — Kristiano Ronaldo (Real Madrid—Malmö: 8–0; 08.12.2015)
- 11 minut — Robert Lewandowski (Bawariýa—Salsburg: 7–1; 08.03.2022)
- 12 minut — Robert Lewandowski (Srwena Zwezda—Bawariýa: 0–6; 26.11.2019)
- 12 minut — Luiz Adriano (BATE Borisow—Şahtýor Donesk: 0–7; 21.10.2014)

### ILKINJI DUŞUŞYGYNDA HET-TRIK EDENLER

● Çempionlar Ligasynyň taryhyndaky ilkinji het-trik «Milanyň» niderland hüjümçisi Marko wan Bastene degişlidir. Ol 1992-nji ýylyň 25-nji noýabrynda şwed kluby «Gýoteborgyň» derwezesinden 4 gol geçiripdi. Şeýle-de Wan Basten bilen bir hatarda 10 futbolçy Çempionlar Ligasyndaky ilkinji duşuşygynda het-trik etmegi başardy.

Marko wan Basten (Milan—Gýoteborg: 4–0; 25.11.1992)
Faustino Asprilýa (Nýukasl—Barselona: 3–2; 17.09.1997)
Ýakubu Aýegbeni (Makkabi H—Olimpiakos: 3–0; 24.09.2002)
Weýn Runi (M. Ýunaýted—Fenerbahçe: 6–2; 28.09.2004)
Winçenzo Ýakinta (Udineze—Panatinaikos: 3–0; 14.09.2004)
Grafite (Wolfsburg—SSKA Moskwa: 3–1; 15.09.2009)
Ýasine Brahimi (Porto—BATE Borisow: 6–0; 17.09.2014)
Erling Holann (RB Salsburg—Genk: 6–2; 17.09.2019)
Mislaw Orşiç (Dinamo Zagreb—Atalanta: 4–0; 18.09.2019)
Sebastien Haller (Sporting—Aýaks: 1–5; 15.09.2021)

### IŇ KÖP HET-TRIK EDENLER

● Iň köp het-trik edenler Lionel Messi bilen Kristiano Ronaldo bolup, super ýyldyzlaryň ikisi-de 8 gezek het-trik etdiler. Robert Lewandowski 6, Karim Benzema 4 gezek het-trik etmegi başardy. Bir möwsümde iň köp het-trik eden futbolçy Kristiano Ronaldo bolup, ol 2015/16 möwsüminde 3 gezek het-trik edipdi.

- 8 — Lionel Messi (Barselona)
- 8 — Kristiano Ronaldo (Real Madrid – 7, Ýuwentus – 1)
- 6 — Robert Lewandowski (Borussiýa Dortmund – 1, Bawariýa – 4, Barselona – 1)
- 4 — Karim Benzema (Real Madrid)
- 3 — Filippo Inzagi (Ýuwentus – 2, Milan – 1)
- 3 — Mario Gomez (Bawariýa)
- 3 — Luiz Adriano (Şahtýor Donesk)
- 3 — Neýmar (Barselona – 1, PSŽ – 2)

### IŇ KÖP HET-TRIK EDEN KLUBLAR

● Iň köp klubda het-trik eden futbolçy Robert Lewandowski bolup, ol 3 klubda – «Borussiýa Dortmund», «Bawariýa» hem-de «Barselona» toparlarynyň düzüminde het-trik etmegi başardy. Kristiano Ronaldo, Filippo Inzagi, Marko Simone, Roý Makaaý, Ruud wan Nistelrooý, Andreý Şewçenko, Didie Drogba, Maýkl Owen, Samuel Eto'o, Neýmar, Oliwie Žiru ýaly futbolçylar 2 klubda het-trik etdiler.

Iň köp «Real Madrid» (5 futbolçy) bilen «Barselonanyň» (7 futbolçy) futbolçylary het-trik edip, iki köne bäsdeşiň wekilleriniň hersiniň aýratynlykda 14 het-trigi hasaba alyndy. «Bawariýaly» 6 futbolçy-da 11 gezek het-trik edip, sanawda 3-nji orny eýeleýär.

- 14 — Real Madrid (5 futbolçy)
- 14 — Barselona (7)
- 11 — Bawariýa (6)
- 7 — Mançester Ýunaýted (6)
- 6 — Arsenal (6)
- 6 — Ýuwentus (5)
- 6 — Mançester Siti (4)
- 6 — PSŽ (4)
- 6 — Liwerpul (6)
- 5 — Milan (5)

### IŇ KÖP HET-TRIK EDEN ÝURTLAR

● Şu wagta çenli Çempionlar Ligasynda 35 ýurduň futbolçysy het-trik edipdi. Salahyň het-triginden soň Müsür hem sanawa goşulyp, olaryň sany 36-a ýetdi. Iň köp braziliýaly futbolçylaryň het-trikleri hasaba alyndy. Bu ýurduň 13 futbolçysy 19 gezek het-trik etdi. Fransiýanyň 12 futbolçysy 17, Argentinanyň 4 futbolçysy 12 gezek het-trik etdi.

- 19 — Braziliýa (13 futbolçy)
- 17 — Fransiýa (12)
- 12 — Argentina (4)
- 11 — Angliýa (9)
- 10 — Portugaliýa (3)

### BIR GIJEDE 3 HET-TRIK

● UEFA Çempionlar Ligasynda 1 gijede 3 het-trik hasaba alyndy. Şeýle waka 2005-nji ýylyň 23-nji noýabrynda bolupdy. Şonda «milanly» Andreý Şewçenko (4 gol geçiripdi), «şalkeli» Lewan Kobiaşwili (ikisi-de bir toparçada) hem-de «interli» Adriano het-trik edip, toparlarynyň uly hasaply ýeňişlerine saldamly goşant goşupdylar. Şeýle-de, bir tapgyrda umumylykda 4 gezek 3 het-trik hasaba alyndy. Şewçenko, Kobiaşwili we Adrianonyň bir gijedäki het-triklerinden daşgary 2014-nji ýylyň 25–26-njy noýabrynda Messi, Aguero, Manžukiç, 2015-nji ýylyň 8–9-njy dekabrynda K. Ronaldo, Benzema (ikisem «Real Madridiň» düzüminde), Žiru, 2018-nji ýylyň 2–3-nji oktýabrynda-da Dibala, Jeko, Neýmar dagy het-trik edipdiler.

Şeýle-de, 2019/20 möwsüminde iň köp het-trik hasaba alyndy. Şol möwsümde 9-sy toparçalarda jemi 10 het-trik geçirildi. 2016/17 möwsüminde 9, 2013/14 möwsüminde, 2004/05 möwsüminde hem-de 2002/03 möwsüminde-de 8 het-trik hasaba alyndy.

### BIR DUŞUŞYKDA IŇ KÖP GOL GEÇIRENLER

● Mälim bolşy ýaly, 3 gola het-trik diýlip, bu terminologiýa 4–5 gol geçirilende hem ulanylýar. Çempionlar Ligasynyň 1 duşuşykda iň köp gol geçiren futbolçylary Lionel Messi bilen Luiz Adriano bolup, olaryň ikisi-de 5 gol geçiripdi. 2012-nji ýylda «Barselonanyň» öz meýdançasynda «Baýerden» 7–1 hasabynda üstün çykan duşuşygynda, skorbordda Messiniň adynyň deňinde 5 gol geçirendigini aňladýan 5 dürli wagt bardy. Edil şonuň ýaly, Luiz Adriano hem «Şahtýoryň» myhmançylykda «BATE Borisowy» 7–0 hasap bilen ýeňende, gollaryň 5-sini braziliýaly futbolçy geçiripdi. Bulardan başga-da 16 gezek 4 gol geçirildi.

- 5 — Lionel Messi (Barselona—Baýer: 7–1; 07.03.2012)
- 5 — Luiz Adriano (BATE Borisow—Şahtýor Donesk: 0–7; 21.10.2014)
- 4 — Marko wan Basten (Milan—Gýoteborg: 4–0; 25.11.1992)
- 4 — Simone Inzagi (Lasio—Marsel: 5–1; 14.03.2000)
- 4 — Dado Prşo (Monako—Deportiwo: 8–3; 05.11.2003)
- 4 — Ruud wan Nistelrooý (Mançester Ýunaýted—Sparta Praga: 4–1; 03.11.2004)
- 4 — Andreý Şewçenko (Fenerbahçe—Milan: 0–4; 23.11.2005)
- 4 — Lionel Messi (Barselona—Arsenal: 4–1; 06.04.2010)
- 4 — Bafetimbi Gomis (Dinamo Zagreb—Lion: 1–7; 07.12.2011)
- 4 — Mario Gomez (Bawariýa—Bazel: 7–0; 13.03.2012)
- 4 — Robert Lewandowski (Borussiýa D—Real Madrid: 4–1; 24.04.2013)
- 4 — Zlatan Ibrahimowiç (Anderleht—PSŽ: 0–5; 23.10.2013)
- 4 — Kristiano Ronaldo (Real Madrid—Malmö: 8–0; 08.12.2015)
- 4 — Serže Gnabri (Tottenham—Bawariýa: 2–7; 01.10.2019)
- 4 — Robert Lewandowski (Srwena Zwezda—Bawariýa: 0–6; 26.11.2019)
- 4 – Ýosip Iliçiç (Walensiýa—Atalanta: 3–4; 10.03.2020)
- 4 – Oliwie Žiru (Sewilýa—Çelsi: 0–4; 02.12.2020)
- 4 – Sebastien Haller (Sporting—Aýaks: 1–5; 15.9.2021)

### BIR MÖWSÜMDE IŇ KÖP HET-TRIK EDENLER

● Bir möwsümde iň köp het-trik eden futbolçy Kristiano Ronaldo bolup, ol 2015/16 möwsüminde toparçada 2, çärýek finalda 1, jemi 3 gezek het-trik edipdi. Bir möwsümde Benzema, Lewandowski, ýene-de Ronaldo, Messi, Luiz Adriano hem-de Mario Gomez dagy 2 gezek het-trik etmegi başardylar. Ronaldo bilen Messi 2016/17 möwsüminde, Karim Benzema hem 2021/22 möwsüminde yzly-yzyna 2 duşuşykda het-trik edipdiler. UEFA Çempionlar Ligasynda braziliýaly Luiz Adriano yzly-yzyna 2 duşuşykda 8 gol geçiripdi. «Şahtýor Doneskiň» ýyldyzy 2014/15 möwsüminde «BATE Borisow» toparynyň derwezesinden 2 oýunda 8 gol geçiripdi. Ol ilki 5 (7–0), soňam 3 (5–0) goly öz adyna ýazdyrypdy.

### BEÝLEKI REKORDLAR

● Çempionlar Ligasynda het-trik etmezden iň köp gol geçiren futbolçylaryň sanawynyň başyny Tomas Müller çekýär. «Bawariýanyň» germaniýaly ýyldyzy Çempionlar Ligasynda 53 gol geçirdi. Ýöne şu wagta çenli oňa het-trik etmek başartmady. Edinson Kawani 35, Arýen Robben 31, Antuan Grizmann 30, Patrik Kluiwert bilen Dawid Trezege 29 goluny het-triksiz geçirdi.

«Anderleht» toparynyň derwezesi iň köp het-trik geçirden klub bolup, Belgiýanyň wekili 6 gezek bu görkezijä ýol berdi. «Olimpiakos» 5, «Aýaks», BATE, «Galatasaraý» hem-de «Şahtýor» toparlary-da 4 gezek het-trige sezewar bolan klublardyr.

Het-trik eden futbolçylaryň toparlary 138 gezek ýeňiş gazandy. 2 duşuşyk deňlikde tamamlandy. 4 duşuşykda-da het-trige garamazdan ýeňiş gazanmak başartmady. Ýagny braziliýaly Luiz Ronaldonyň (M. Ýunaýted—Real Madrid: 4–3; 2002/03), uelsli Garet Beýliň (Inter—Tottenham: 4–3; 2010/11), türkiýeli Irfan Jan Kahwejiniň (Istanbul Başakşehir—Leipsig: 3–4; 2020/21) hem-de fransiýaly Kristofer Nkunkunyň (Mançester Siti—Leipsig: 6–3; 2021/22) het-trikleri ýeňşe ýeterlik bolmady.

Çempionlar Ligasynda het-trik eden iň ýaş futbolçy ispaniýaly Raul Gonzales bolup, «Realyň» oýunçysy 1995-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda 18 ýaşyndaka (18 ýaş 113 gün) «Ferenswaroşyň» derwezesinden 3 gol geçiripdi. Iň ýaşuly futbolçy hem «Real Madridiň» oýunçysy bolup, Karim Benzema geçen möwsümde 34 ýaşynda (34 ýaş 108 gün) «Çelsiniň» derwezesinden 3 gol girizipdi. Goragçy hökmünde het-trik eden ýeke-täk futbolçy PSŽ-li Lawin Kurzawa bolup, fransiýaly oýunçy 2017-nji ýylda topary PSŽ-niň «Anderlehti» 5–0 hasap bilen ýeňen duşuşygynda 3 gol geçiripdi.

UEFA Çempionlar Ligasynda 100 futbolçy jemi 144 gezek het-trik etdi. Şol het-trikleriň 115-si toparçalardaky oýunlarda, 17-si 2-nji tapgyrda (1/8 final hem-de 1999/2000, 2000/2001, 2001/2002, 2002/2003 möwsümlerinde 2-nji tapgyryň toparçalarynda), 7-si çärýek finalda, 5-si ýarym finalda hasaba alyndy. Häzire çenli 1992-nji ýyldan bärdäki final oýunlarynda het-trik eden futbolçy ýok.

